**Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**

**— BIZIŇ GÜNDELIK DURMUŞYMYZ, IŞ ORUNLARYMYZ YLMY TEHNOLOGIÝANYŇ ŞU GÜNKI ÝETEN ÝOKARY DEREJESI BILEN GÖS-GÖNI BAGLANYŞYKLYDYR.**

XXI ASYR BILIM, YLYM ASYRYDYR

# MUGALLYMLAR GAZETI

Gazet 1952-nji ýylyň 11-nji ýanwaryndan bäri çykýar.

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

2019-njy ýylyň 8-nji iýuly

№ 81-84 (9634)

DUŞENBE




## ÖSÜŞI ÜPJÜN ETMÄGE GÖNÜKDIRILEN WEZIPELER KESGITLENILDI

**Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň geçen anna güni geçirilen giňişleýin mejlisinde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýurdumyzyň bilim ulgamynyň öňünde durýan wezipeler barada aýdanlaryndan:**

**— Biziň ýokary okuw mekdeplerimize zehinli we zähmetsöýer ýaşlar kabul edilmelidir hem-de okamalydyr.**

**— Biz bilim özgertmelerini geçirmegiň depginini çaltlandyrmalydyrys.**

**— Eger-de döwletde sowatly ýaşlar, anyk ýokary derejeli hünärmenler bolmasa, şol döwletiň hiç bir geljeginiň ýokdugyna anyk düşünmelidiris.**

**— Ähli ugurdaş institutlar, aýratyn-da, Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda ýokary derejeli dolandyryş işgärleri taýýarlanylmalydyr, bu ugurda dünýä belli beýleki ugurdaş institutlar bilen hyzmatdaşlyk edip, daşary ýurtly hünärmenler işe çekilmelidir. Şeýle hem talyplary tölegli esasda okatmak usulyna geçilmelidir.**

Geçen anna güni hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisini geçirdi. Milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynda şu ýylyň birinji ýarymynda ýerine ýetirilen işleriň jemleri jemlenen mejlisde durmuş-ykdysady ösüş maksatnamalarynyň durmuşa geçirilişiniň barşyna baha berildi, hökümetiň, aýry-aýry ministrlikleriň, sebitleriň dolandyryş edaralarynyň işiniň netijelerine, guramaçylyk meselelerine garaldy, ikinji ýarym ýyl üçin ileri tutulýan wezipeler kesgitlenildi.

Giňişleýin mejlisiň gün tertibine laýyklykda, berlen hasabatlarda bellenilişi ýaly, 2019-njy ýylyň ýanwar-iýun aýlarynda halk hojalyk toplumlarynyň ähli pudaklarynda durnukly ösüş üpjün edilipdir. Ilatyň ýaşaýyş-durmuş derejesi has-da ýokarlanypdyr.

Şu ýylyň ýanwar-iýun aýlarynda geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende jemi öndürilen önüm 6,7 göterim, bölek-satuw haryt dolanyşygy 19,1 göterim artypdyr.

Hormatly Prezidentimiz giňişleýin mejlisiň gün tertibine görä berlen hasabatlaryň her biri boýunça ähmiýet berilmeli meselelere, öňde durýan wezipelere ünsi çekdi.

Milli Liderimiz ilki bilen sanly ykdysadyýete çalt geçmegiň döwlet syýasatynyň strategik maksady bolup durýandygyny nygtady. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, häzirki döwürde ilkinji nobatdaky wezipeler ykdysadyýetimiziň pudaklaryny ösdürmegiň täze maksatnamalaryny işläp taýýarlamakdan ybaratdyr.

Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzy senagat taýdan ösen döwlete öwürmek, ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmak we diwersifikasiýalaşdyrmak, elektron senagatyny ösdürmek hem-de täze iş orunlaryny döretmek möhümdir.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2020-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan «Türkmenistanda zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, talyp we diňleýji haklarynyň möçberlerini ýokarlandyrmak hakynda» Permana gol çekdi.

Giňişleýin mejlisiň dowamynda döwlet Baştutanymyz nebiti we gazy gaýtadan işleýän önümçilik desgalarynyň netijeli ulanylmagyny gazanmak bilen baglanyşykly tabşyryklary, elektron senagatynyň geljegi uly wezipelerini çözmek bilen meşgullanjak işgärleri taýýarlamagyň ulgamyny işläp düzmek barada anyk görkezmeleri berdi.

Demir we awtoulag ýollarynyň durkuny täzelemek işleri dowam etdirilmelidir. Ýurdumyzda öndürilýän önümleriň eksport edilýän möçberini artdyrmak boýunça alnyp barylýan işler güýçlendirilmelidir. Gurluşyk serişdelerini uly möçberde öndürmek üçin kuwwatly senagaty döretmek wajypdyr.

Milli Liderimiz medeniýet ulgamynyň wezipelerini kesgitlände, ruhy gymmatlyklarymyzyň, halkymyzyň şöhratly taryhynyň giňden beýan edilmelidigini, häzirki wagtda amala aşyrylýan ägirt uly işleriň düýp mazmunynyň we ähmiýetiniň anyk mysallar arkaly açylyp görkezilmelidigini belledi. Şeýle hem medeniýet ulgamy we köpçülikleýin habar beriş serişdeleri üçin ýokary hünärli işgärleri taýýarlamak boýunça anyk görkezmeleri berdi.

Döwlet Baştutanymyz mejlisde bilim ulgamynyň işine möhüm ähmiýet berip, ýokary okuw mekdeplerine talyplary kabul etmek wezipesine ünsi çekdi hem-de bu işiň ýokary derejede we aç-açanlykda, hiç hili ýaramaz ýagdaýlara ýol bermezden geçirilmelidigini ýatlatdy. Milli Liderimiz oba ýerlerinde mugallymlaryň iş meselesini öwrenmegi hem tabşyrdy.

Soňra döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň täze bellenen rektorlarynyň her biriniň öňünde ýokary okuw mekdepleriniň ugruna laýyklykda anyk wezipeleri goýdy.

Hormatly Prezidentimiz Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugruny mundan beýläk-de üstünlikli durmuşa geçirmek, beýleki döwletler, halkara we sebit guramalary bilen netijeli hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça ähmiýet berilmeli işlere hem ünsi çekdi.

Milli Liderimiz ýurdumyzyň durmuşynda şanly waka bolan Halk Maslahatynyň mejlisiniň ähmiýetini bellemek bilen, «Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini guramaçylykly geçirmek hakynda» Permana gol çekdi.

«Türkmenistan — rowaçlygyň Watany» şygary astynda geçýän ýylda ýurdumyzyň gallaçylary 1 million 650 müň tonnadan gowrak bugdaý hasylyny taýýarlap, bu baradaky şertnamalaýyn borçnamalaryny üstünlikli berjaý etdiler.

Döwlet Baştutanymyz obasenagat toplumyna gözegçilik edýän wise-premýere hem-de welaýatlaryň we etraplaryň häkimlerine, oba hojalyk toplumynyň ýolbaşçylaryna ýüzlenip, oba hojalygyny ösdürmek boýunça maksatnamany mundan beýläk-de üstünlikli ýerine ýetirmegiň, şol sanda pagtanyň öndürilýän mukdaryny artdyrmagyň meselelerine ünsi çekdi.

Soňra milli Liderimiz mejlisiň jemini jemläp we oňa gatnaşanlara ýüzlenip, «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 — 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň» ýerine ýetirilişine seredilendigini, heniz işde käbir kemçilikleriň bardygyny we şolary düzetmegiň üstünde işlenilýändigini belledi.

Şeýle hem döwlet Baştutanymyz ähli watandaşlarymyzy ak bugdaýyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmekde, ony çalt we ýitgisiz ýygnap almakda, ammarlara daşamakda gazanylan üstünlik bilen gutlady.

Mejlis tamamlanandan soň, zala welaýatlaryň her birine wekilçilik edýän çagalar gelip, ýygnananlaryň ählisini sahawatly türkmen topragyny hem-de zähmetsöýer ekerançylary wasp edýän goşgy setirleri bilen mübäreklediler. Eziz Watanymyz, Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwri, eziz Arkadagymyz baradaky goşgular belentden ýaňlandy.

Çagalar milli Liderimizi orak möwsüminiň üstünlikli tamamlanmagy bilen tüýs ýürekden gutlap, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowa ak bugdaýyň sümbüllerinden boglan desseleri gowşurdylar.

Çagalaryň haýyşy boýunça milli Liderimiz olar bilen ýadygärlik surata düşdi.

**«Mugallymlar gazeti».**

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini guramaçylykly geçirmek hakynda

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ata-babalarymyzyň parasatly wesýetlerine we asylly ýörelgelerine eýerip hem-de türkmen halkynyň döwleti dolandyrmakda toplan köpasyrlyk tejribesine daýanyp, döwlet we jemgyýetçilik durmuşynyň möhüm meselelerini ara alyp maslahatlaşmaga hem-de çözgütleri kabul etmäge jemgyýetimiziň ygtyýarly wekilleriniň giňden gatnaşmagyny üpjün etmek, biziň ähli üstünliklerimiziň we ýeňişlerimiziň girewi bolan agzybirligi, jebisligi has-da berkitmek, milli demokratiýany ösdürmek boýunça gazanylan üstünlikleri döredijilikli kämilleşdirmek hem-de halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasynyň — Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini guramaçylykly geçirmek maksady bilen, **karar edýärin:**

1.Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini 2019-njy ýylyň 25-nji sentýabrynda Aşgabat şäherinde, Ruhyýet köşgünde geçirmeli.

2.Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk toparyny döretmeli we onuň düzümini tassyklamaly (goşulýar).

3.Welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň halk maslahatlary «Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň birinji mejlisini guramaçylykly geçirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 5-nji iýulynda çykaran 385-nji Permany bilen tassyklanan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzümine jemgyýetçiligiň wekillerini saýlamagyň Tertibine laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzümine jemgyýetçiligiň wekilleriniň saýlawlarynyň geçirilmegini üpjün etmeli hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatyna welaýatlardan we Aşgabat şäherinden saýlanan agzalarynyň sanawyny 2019-njy ýylyň 1-nji sentýabryna çenli Türkmenistanyň Prezidentiniň Diwanyna bermeli.

4.Türkmenistanyň Mejlisi Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzümine jemgyýetçiligiň wekillerini saýlamak, şeýle hem Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine taýýarlyk görmek we ony geçirmek bilen bagly işlerde welaýatlaryň, etraplaryň hem-de şäherleriň halk maslahatlaryna guramaçylyk-usulyýet taýdan ýardam bermeli we bu işleri utgaşdyrmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.**

Aşgabat şäheri, 2019-njy ýylyň 5-nji iýuly.

## Türkmenistanyň Prezidentiniň PERMANY

### Türkmenistanda zähmet haklarynyň, pensiýalaryň, döwlet kömek pullarynyň, talyp we diňleýji haklarynyň möçberlerini ýokarlandyrmak hakynda

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 — 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» öňde goýlan wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek we ilatymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini hem-de durmuş taýdan goraglylygyny mundan beýläk-de ýokarlandyrmak maksady bilen, **karar edýärin:**

1. 2020-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan:

1) býujetden maliýeleşdirilýän edaralaryň, hojalyk hasaplaşygyndaky kärhanalaryň we jemgyýetçilik birleşikleriniň işgärleriniň aýlyk zähmet haklarynyň;

2) pensiýalaryň we döwlet kömek pullarynyň;

3) talyp we diňleýji haklarynyň möçberlerini 10 göterim ýokarlandyrmaly.

2. 2020-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan:

1) Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylaryň pensiýalarynyň aýda iň pes möçberini 1415 manat möçberde;

2) Beýik Watançylyk urşuna gatnaşyjylaryň ýanýoldaşlarynyň we tylda zähmet çekenleriň pensiýalarynyň aýda iň pes möçberini 415 manat möçberde;

3) pensiýanyň iň pes möçberini kesgitlemek üçin binýatlyk ululygy 338 manat möçberde;

4) döwlet kömek pullaryny hasaplamak üçin binýatlyk ululygy 322 manat möçberde bellemeli.

3. Türkmenistan boýunça iň pes aýlyk zähmet hakyny 870 manat möçberde bellemeli we ony aýlyk zähmet haklaryny düzgünleşdirmek üçin ulanmaly.

4. 2020-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan döwlet häkimiýet edaralarynyň, ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli edaralarynyň we ýerli özözüňi dolandyryş edaralarynyň, harby we hukuk goraýjy hem-de kazyýet edaralarynyň, gazetleriň we žurnallaryň redaksiýalarynyň hem-de jemgyýetçilik birleşikleriniň, şeýle hem olaryň esasy gurluş birlikleriniň ýolbaşçylarynyň aýlyk zähmet haklarynyň möçberlerini şu Permana 1 — 7-nji goşundylara laýyklykda tassyklamaly.

5. Zähmet haklaryny ýokarlandyrmagy edaralaryň, kärhanalaryň we guramalaryň gurluşyny kämilleşdirmegiň, önümçilik kuwwatlyklaryndan peýdalanmagyň netijeliligini we işgärleriň zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmagyň hem-de peýdalanylmaýan içerki mümkinçilikleri ulanmagyň hasabyna üpjün etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW.**

Aşgabat şäheri, 2019-njy ýylyň 5-nji iýuly.

Türkmenistanyň kanunçylygy kämilleşdirilýär

## DAŞKY GURŞAWYŇ GORAGLYLYGY WE EKOLOGIÝA ÜPJÜNÇILIGI

**Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-njy ýylyň 2-nji martynda kabul eden Karary esasynda «Ekologiýa auditi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny tassyklandy. Bu Kanun ekologiýa auditini geçirmegiň hukuk we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär hem-de hojalygy ýörediji subýektleriň işiniň ekologiýa taýdan esaslylygynyň we netijeliliginiň ýokarlandyrylmagyna gönükdirilendir.**

Bu Kanun «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 — 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» aýratyn orun alan «Tebigy baýlyklary rejeli peýdalanmak we tebigaty goramak, howanyň ählumumy üýtgemegine garşy göreşmek» atly bäşinji bölüminde kesgitlenen anyk maksatlary we aýdyň wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmekde örän möhüm hasaplanýar. Şeýle hem, bu Kanun Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan kabul edilen Durnukly ösüşiň maksatlaryna ýetmekde möhüm bolup durýar.

«Ekologiýa auditi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny 6 bapdan we 33 maddadan ybaratdyr. Onuň «Umumy düzgünler» diýlip atlandyrylan birinji babynda, has takygy, 1-nji maddasynda bu möhüm resminamanyň many-mazmuny bilen gönüden-göni baglanyşykly bolan esasy düşünjeleriň 14-siniň sanawy we olaryň düşündirilişi beýan edilipdir. Şol düşünjeleriň arasynda ekologiýa auditi, hökmany we meýletin ekologiýa auditi, ekologiýa auditory, ekologiýa auditorlyk guramasy, ekologiýa auditini buýrujy, ekologiýa auditiniň meýilnamasy, ekologiýa auditiniň ölçeg alamatlary (kriteriýalary), ekologiýa auditiniň maglumatlary, ekologiýa auditiniň gelen netijeleri, ekologiýa auditiniň netijenamasy we ş.m. düşünjeler bar.

Kanunda «ekologiýa auditi» düşünjesine şeýle kesgitleme berlipdir: ekologiýa auditi — daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda Türkmenistanyň kanunçylygynyň, kada görkezijileriniň, kadalaşdyryjy resminamalaryň hem-de standartlaryň talaplarynyň, şeýle hem halkara ekologik kada görkezijileriniň we standartlarynyň talaplarynyň hojalyk we beýleki işiň subýekti tarapyndan berjaý edilişine garaşsyz, toplumlaýyn, resminamalaşdyrylan baha berilmegi, işiň ýagdaýy barada netijenamalaryň we ony gowulandyrmak boýunça teklipleriň taýýarlanylmagy.

Kanunyň «Ekologiýa auditiniň maksady we wezipeleri» diýip atlandyrylan 3-nji maddasynda, has takygy, şol maddanyň 1-nji bendinde ekologiýa auditiniň maksadynyň daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek babatda işi kämilleşdirmekden, şeýle hem hojalyk we beýleki işiň daşky gurşawa ýaramaz täsir etmeleriniň öňüni almakdan hem-de peseltmekden ybarat bolup durýandygy nygtalypdyr. Şol maddanyň 2-nji bendinde bolsa ekologiýa auditiniň wezipeleriniň şu aşakdakylardan ybarat bolup durýandygy aýdyň kesgitlenen:

* hojalyk we beýleki iş amala aşyrylan mahalynda daşky gurşawy goramagyň we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň talaplarynyň berjaý edilişine seljeriş geçirmek we baha bermek;

2

**Hormatly okyjylar!**

2019-njy ýylda Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegiň tertibi gazetimiziň şu günki sanyna 12 sahypa möçberde goşundy görnüşinde çap edilýär.

Türkmenistanyň kanunçylygy kämilleşdirilýär

# DAŞKY GURŞAWYŇ GORAGLYLYGY WE EKOLOGIÝA ÜPJÜNÇILIGI



(1) * ekologiýa auditini buýrujy ekologiýa auditiniň geçirilmegini buýurýan ýuridik ýa-da fiziki şahs tarapyndan geçirilýän daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çäreleriň netijeliligine, doly ýeterlikligine hem-de esaslydygyna baha bermek;

* ekologiýa auditiniň obýektinde ekologiýa meselelerini ýüze çykarmak we kesgitlemek.

Kanunyň 4-nji maddasynda ekologiýa auditiniň şu ýörelgelere esaslanýandygy bellenip geçilipdir: ekologiýa auditi geçirilen mahalynda daşky gurşawy goramagyň we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmegiň talaplarynyň hasaba alynmagynyň hökmanylygy; çägiň tebigy we durmuş-ykdysady aýratynlyklarynyň, daşky gurşawyň häzirki hem-de geljekki ýagdaýynyň hasaba alynmagy; ekologiýa auditiniň hakykatlylygy, geçirilen ekologiýa auditiniň netijeleriniň we olar boýunça ekologiýa auditiniň gelen netijeleriniň ygtybarlylygy; ekologiýa auditorynyň we ekologiýa auditorlyk guramasynyň ekologiýa auditini buýrujydan, döwlet edaralaryndan we beýleki gyzyklanma bildirýän şahslardan garaşsyzlygy; daşky gurşawy goramak we ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmek meselelerinde ekologiýa auditorynyň we ekologiýa auditorlyk guramasynyň hünär dereje synagy bilen tassyklanylan ygtyýarlylygy; Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen çäklerde geçirilen ekologiýa auditiniň netijelerine ekologiýa auditorynyň ýa-da ekologiýa auditorçylyk guramasynyň jogapkärçiligi; geçirilen ekologiýa auditiniň netijesi boýunça alnan esaslandyrylan teklipleriň we maslahatlaryň ekologiýa auditini buýrujy tarapyndan ýerine ýetirilmegi we başgalar.

Kanunda ekologiýa auditiniň obýektleri we subýektleri, ekologiýa auditini maliýeleşdirmek, ekologiýa auditi babatda işe salgyt salynmagy, ekologiýa auditi babatda döwlet düzgünleşdirilmesini amala aşyrýan edaralar bilen baglanyşykly hukuk we guramaçylyk esaslary anyk kesgitlenen. Ekologiýa auditi babatda döwlet düzgünleşdirilmesiniň Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hem-de ygtyýarlandyrylan edara hökmünde Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi tarapyndan amala aşyrylýandygy nygtalypdyr. Şunuň bilen baglanyşyklylykda Türkmenistanyň Ministrler Kabineti hem-de ygtyýarlandyrylan edaranyň ekologiýa auditi babatdaky ygtyýarlyklary beýan edilipdir.

Kanunyň 17-nji maddasynda ekologiýa auditiniň hökmany ýa-da meýletin tertipde geçirilýändigi, hökmany ekologiýa auditiniň ýa-da meýletin ekologiýa auditiniň doly ekologiýa auditi görnüşinde (daşky gurşawa täsir etmegiň toplumlaýyn barlagy) ýa-da ýöriteleşdirilen ekologiýa auditi (tebigy gurşawyň aýry-aýry böleklerine täsir etmegiň barlagy) görnüşinde hem geçirilip bilinýändigi nygtalýar.

«Ekologiýa auditi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň many-mazmunyny, ondan gelip çykýan borçlary we wezipeleri ösüp gelýän ýaş nesle düşündirmekde hem-de ýaşlaryň hukuk bilimini çuňlaşdyrmakda we olaryň hukuk medeniýetini kämilleşdirmekde bilim ulgamynyň işgärlerine uly jogapkärçiligiň düşýändigini aýratyn nygtamakçy bolýarys. Çünki bu Kanun döwletimizde ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmekde we daşky gurşawy abadan saklamakda uly ähmiýete eýedir.

Umumybilim berýän orta mekdepleriň mugallymlary bu Kanun, onuň many-mazmuny barada 8-nji synpyň okuwçylaryna Türkmenistanyň döwlet we hukuk esaslary okuw dersinde, has takygy, bu ders boýunça «Türkmenistanyň ekologiýa hukugynyň esaslary» diýen tema öwredilende zerur bilimleri bermelidirler.

Jemgyýeti öwreniş dersi boýunça 11-nji synpda «Häzirki döwrüň ekologik meseleleri» diýen tema geçilende hem okuwçylara döwletimiziň ekologiýa kanunçylygy, şol sanda «Ekologiýa auditi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny we onuň wajyp ekologik meseleleri çözmekdäki orny we ähmiýeti baradaky möhüm düşünjeleri öwretmek maksada laýyk bolar.

11-nji synpda ekologiýa dersi boýunça «Türkmenistanyň ekologiýa kanunçylygy» diýen tema öwredilende mugallymlaryň okuwçylara «Ekologiýa auditi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, onuň many-mazmuny, ekologiýa auditini geçirmegiň döwletimiziň ekologiýa howpsuzlygyny üpjün etmekdäki ähmiýeti baradaky zerur bilimleri öwretmäge aýratyn ähmiýet bermeklerini maslahat berýäris.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyzyň orta hünär we ýokary okuw mekdeplerinde öwredilýän «Ekologiýa we daşky gurşawy goramak» dersinde «Daşky gurşawyň ýagdaýynyň derňewi we gözegçiligi (monitoring). Daşky gurşawyň ýagdaýyny dolandyrmak» diýen tema geçilende hem «Ekologiýa auditi hakynda» Türkmenistanyň Kanuny barada talyplara, olaryň hukuk medeniýetini kämilleşdirmek maksady bilen, zerur bilimleri bermegi möhüm hasaplaýarys.

**Sapargeldi DURDYÝEW,**
**Türkmenistanyň Milli bilim institutynyň bilim işgärleriniň hünärini kämilleşdiriş bölüminiň müdiri.**

Ýürek sözi

# ÇÄKSIZ HOŞALLYK

**Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýurdumyz ösüşiň täze belentliklerine çykýar. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy netijesinde amala aşyrylýan işler ösüşleri gazanmagyna gönükdirilendir.**

*«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019 — 2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna» laýyklykda, ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda ýaşaýyş jaý toplumlaryny, şänerçeleri gurmak göz öňünde tutulýar.*

*Ýakynda ýurdumyzyň welaýatlarynda täze şäherçeleriň düýbüniň tutulyş dabaralary boldy. Lebap welaýatynyň Çärjew, Saýat, Halaç, Kerki etraplarynda, Mary welaýatynyň Türkmengala, Sakarçäge, Wekilbazar etraplarynda täze şäherçeleriň düýbüni tutmak çäreleri dabaralara beslenip geçirildi. Şeýle çäre Daşoguz welaýatynda hem geçirildi. Täze şäherçelerde ýaşaýyş jaýlary, durmuş maksatly binalar bilen birlikde orta mekdepleriň we çagalar baglaryň guruljakdygy ýaş nesil barada alada edilýändiginiň aýdyň güwäsidir.*

*Ýaş nesil biziň ertirki günümiziň eýeleridir. Biz çagalar barada Atalyk aladasyny edýän Gahryman Prezidentimize çäksiz hoşallygymyzy aýdýarys. Goý, döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan il hem ýurt bähbitli işleri mydama rowaçlyklara beslensin! Şahyryň:*

***Sowulmasyn, sowulmasyn döwranlar,***
***Ýyllar ömrüňizi bezesin gitsin!***
***Türkmeniň döwleti yrylmaz bolsun,***
***Türkmeniň hatary uzasyn gitsin!*** —

*diýşi ýaly, oba-şäherçelerimiz barha köpelsin!*

**Aýjemal HALYKOWA,**
**Aman Kekilow adyndaky mugallymçylyk mekdebiniň mugallymy.**

# HYZMATDAŞLYGYŇ TÄZE TAPGYRY

**Öňňin Ýewropa Bileleşiginiň daşary işler we howpsuzlyk syýasaty boýunça Ýokary wekili, Ýewropa Komissiýasynyň Wise-Prezidenti Federika Mogerininiň Aşgabada iş saparynyň çäklerinde ýokary derejeli myhmanyň Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy we Daşary işler ministri bilen duşuşyklary geçirildi.**

**Mälim bolşy ýaly, Türkmenistan Ýewropa Bileleşigi bilen özara bähbitli gatnaşyklary ösdürmäge uly ähmiýet berýär. Ykdysadyýetiň dürli pudaklary, bilim, medeniýet, ynsanperwer ugurlar boýunça ýola goýlan hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de giňeldilmegi üçin ähli şertleriň bardygy barada duşuşyklarda bellenilip geçildi. Şonuň ýaly-da Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa üçin täze Strategiýasynyň ähmiýetli ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.**

**Gepleşikleriň jemleri boýunça Türkmenistanyň Hökümeti bilen Ýewropa Bileleşiginiň, Atom energiýasy boýunça Ýewropa Bileleşiginiň arasynda «Ýewropa Bileleşiginiň Türkmenistandaky Wekiliýetini döretmek, onuň artykmaçlyklary we immuniteti hakynda ylalaşyga» gol çekildi. Soňra Ýewropa Bileleşiginiň we ýurdumyzyň daşary syýasat edarasynyň ýolbaşçylary duşuşygyň jemleri boýunça geçirilen brifinge gatnaşdylar. Oňa Türkmenistanda işleýän diplomatik wekilhanalaryň we halkara guramalarynyň ýolbaşçylary, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşdylar.**

**Brifingiň barşynda ýurdumyz bilen Ýewropa Bileleşiginiň arasyndaky hyzmatdaşlygyň şu güni we geljegi barada pikir alşyldy. Şunda özara hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmekde gol çekilen resminamanyň möhüm ähmiýete eýe bolup durýandygy bellenildi. Şonuň ýaly-da Ýewropa Bileleşiginiň Merkezi Aziýa üçin täze Strategiýasynyň ähmiýetli ugurlary, hususan-da sebitleýin hyzmatdaşlygyň, durmuş-ykdysady ösüşiň, energetika howpsuzlygynyň, ekologiýa meselelerini çözmegiň wajyp orny barada giňişleýin durlup geçildi.**

**Ýörite habarçymyz.**

Taryhy maslahatdan soňky oýlanmalar

# JEMGYÝETIŇ HEREKETLENDIRIJI GÜÝJI

**Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, «Adamzat jemgyýetiniň ösüşi ylym we bilim bilen özara baglanyşyklydyr. Dünýäniň ösen döwletlerinde bolşy ýaly, Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzda hem ylym we bilim döwletimiziň güýç-kuwwatyny hem-de mümkinçiliklerini artdyrýan esasy serişde, jemgyýetimiziň hereketlendiriji güýji bolup durýar».**




Ata-babalarymyz ylma-bilime uly sarpa goýupdyrlar. Ýaş nesliň ylymly-bilimli bolmagy üçin çalşypdyrlar. Ylmyň-bilimiň ähmiýeti baradaky atalar sözüdir nakyllar muňa şaýatlyk edýär. Şolardan «Ylym okan ýol tapar», «Ylym akyldan dem alar», «Ylym almak — iňňe bilen guýy gazmak», «Ylym köp, ömür az, geregiňi al — daşa ýaz», «Ylym — yhlas», «Ylymsyz bir ýaşar, ylymly — müň», «Hünär — akar bulak, ylym — ýanar çyrag», «Ylym — akylyň ýarysy», «Danalara uýsaň, açylar gözüň», «Bir okana bar, bir-de dokana», «Bilimli uçar, bilimsiz gaçar», «Bilim bilen hikmet — altyndan gymmat» ýaly nakyllary görkezmek bolar.

Ylmyň, bilimiň jemgyýetdäki ornuna, ähmiýetine göz ýetirmek üçin ilki bilen «ylym», «bilim» diýen adalgalaryň manysyna düşünmek gerek. Hakykata akyl ýetirmekligiň, onuň adam aňynda şöhlelenmeginiň tejribe bilen barlanan netijesine bilim diýilýär. Adamyň hakykat baradaky obýektiw bilimleri işläp düzüş we nazaryýet (teoretiki) taýdan sistemalaşdyryş (ulgamlaşdyryş) işine ylym diýilýär.

Adamzadyň bütin taryhynyň dowamynda ylym-bilim kem-kemden kämilleşdirilip, häzirki derejesine ýetirildi.

Bilim we ylym biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Olary biri-birinden üzňe göz öňüne getirip bolmaýar. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe alym Prezidentimiziň parasatly, ylmy taýdan esaslandyrylan syýasaty netijesinde ylmy-bilimi döwlet derejesinde ösdürmek boýunça işleriň alnyp barylýandygy 12-nji iýunda Türkmenistanyň Ylymlar Akademiýasynda geçirilen maslahatda has-da äşgär boldy. Bu maslahatda ylmy-bilimi mundan beýläk-de ösdürmegiň, kämilleşdirmegiň, häzirki döwrüň talaplaryna laýyklykda özgertmegiň, ýurdumyzda amala aşyrylýan durmuş-ykdysady, medeni özgertmeleriň ylmy binýadyny pugtalandyrmagyň, sanly ykdysadyýet şertlerinde maglumat-aragatnaşyk tehnologiýalarynyň giňden peýdalanylmagyna ýardam etmegiň, bilim ulgamynyň, ylmy-barlag işleriniň guralyşyny kämilleşdirmegiň, bilim, ylmy-barlag edaralary bilen ylmy hyzmatlary sarp edijileriň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmegiň meselelerine garaldy.

Hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynda geçirilen maslahatdaky çykyşynda Diýarymyzda ylym-bilimiň ösdürilmegine uly üns berilýändigini bellemek bilen şeýle diýdi: «...2010-njy ýylyň 14-nji maýynda geçirilen Ýaşulularyň maslahatynda biz bilim we ylym ulgamlaryny, şol sanda akademiki, ýokary, orta hünärmen we umumybilim berýän mekdepleri özgertmegi ilkinji nobatdaky wezipe hökmünde yglan etdik.

Şu wezipeleri durmuşa geçirmek üçin ylym we bilim ulgamlarynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmäge 16 milliard amerikan dollaryna golaý serişde goýberdik. Häzirki zaman tehnikalary we tehnologiýalary bilen enjamlaşdyrylan 623 desgany gurduk. Bu desgalaryň hatarynda çagalar baglary, mekdepler, kollejler, institutlar we uniwersitetler, şol sanda häzirki zaman Tehnologiýalar merkezi bar».

Hormatly Prezidentimiziň çykyşyndaky beýan edilen bu maglumatlar ýurdumyzda ylmyň we bilimiň ösmegine döwletiň ýokary derejede goldaw berýändigine şaýatlyk edýär.

Maslahatyň barşynda hormatly Prezidentimiz Türkmenistanda ylmy-barlag işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak, Türkmenistanda ylmy barlaglaryň netijeliligini üpjün etmek boýunça pudagara topary döretmek, Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Ylymlary ösdürmegiň gaznasyny döretmek, Türkmenistanyň ylym ulgamyny ösdürmegi maliýe taýdan goldamak, Türkmenistanyň Jemagat hojalygy institutyny Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary instituty diýip atlandyrmak, Türkmenistanyň milli sport we syýahatçylyk institutyny Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport instituty diýip atlandyrmak, Türkmen döwlet medeniýet institutynyň işini kämilleşdirmek, Türkmenistanyň ýokary okuw mekdepleriniň gurluşyny tassyklamak we Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutyny döretmek bilen baglanyşykly resminamalara gol çekdi.

Gahryman Arkadagymyzyň çykyşynda ylym we bilim ulgamlarynyň işgärleriniň öňünde bu ulgamlary ösdürmek we mundan beýläk-de kämilleşdirmek babatda möhüm wezipeler öňde goýuldy. Olaryň hatarynda ylym babatynda ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşini mundan beýläk-de güýçlendirmekde, ykdysadyýetimizi öňdebaryjy tehnologiýalar, innowasiýalar we ylmy gazanylanlar esasynda ösdürmekde ylmyň ornuny ýokarlandyrmak; ýokary derejede ylmy işgärleri taýýarlamaga, ylmy-barlag işlerini alyp barmaga ünsi güýçlendirmek; organiki we organiki däl maddalary, minerallary, uglewodorod serişdelerini gaýtadan işlemegiň usullaryny düýpli öwrenmek; ýurdumyzyň tebigy baýlyklarynyň esasynda gurluşyk, senagat, dokmaçylyk we durmuş maksatly täze materiallary döretmegi, energiýa tygşytlaýjy tehnologiýalary işläp taýýarlamagy dowam etmek we beýleki möhüm wezipeler bar.

Bilim babatynda ýurdumyzda on iki ýyllyk umumy bilime geçmek boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de kämilleşdirmek; çaganyň irki ösüşini we olaryň mekdebe taýýarlygyny üpjün etmek üçin mekdebe çenli çagalar edaralarynyň işini kämilleşdirmegiň maksatnamasynyň taslamasyny taýýarlamak; 16-18 ýaş aralygyndaky ýetginjekleriň zähmet çekmek höwesiniň, durmuşda we jemgyýetde öz ornuny tapmaga isleginiň artýandygyny nazara alyp, on iki ýyllyk orta bilimiň umumybilim basgançagynda orta bilim bilen bir hatarda okuwçylara işçi hünärlerini hem öwretmek; dilleri öwretmek we dersleri çuňlaşdyryp okatmak boýunça ýöriteleşdirilen orta mekdepleriň ulgamyny giňeltmek; Aşgabatda we welaýatlarda umumybilim berýän orta mekdepleriň täze görnüşlerini, şol sanda ugurlar boýunça dersleri çuňlaşdyryp okatmaga niýetlenýän, okuwçylary geljekki hünärlere ugrukdyrmak boýunça mekdep-gimnaziýalary açmak; sanly ykdysadyýet hakyndaky maksatnama laýyklykda, ýörite dersleri göz öňünde tutmak we olaryň talabalaýyk okadylmagyny ýola goýmak; orta we ýokary okuw mekdepleriniň okuw meýilnamalaryny döwrebap ýagdaýa getirmek; tölegli esasda okadylýan ýokary okuw mekdepleriniň maliýe-ykdysady ýagdaýyny mundan beýläk-de gowulandyrmak, bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek we giňeltmek üçin, olary doly hojalyk hasaplaşygyna tapgyrlaýyn geçirmek wezipeleri öňe sürüldi.

Ylym, bilim babatynda öňe sürlen wezipeler bilim ulgamynyň işgärleri bolan bizden okuw-terbiýeçilik işlerimizi has-da kämilleşdirmegi, sapaklarymyzy, terbiýeçilik işlerimizi täze, döwrebap usullardan peýdalanyp geçirmegi talap edýär. Bagtyýarlyk döwründe Watanymyza, halkymyza wepaly, zähmetsöýer, ýokary ahlakly, giň gözýetimli, düşünjeli ýaş nesli okadyp we terbiýeläp ýetişdirmek biziň mukaddes borjumyzdyr.

**Amangeldi OTUZOW,**
**Türkmenabat şäherindäki 24-nji orta mekdebiň mugallymy.**

# Ösüşiň aýdyň ýoly



Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda durnukly durmuş-ykdysady ösüşe gönükdirilen netijeli syýasat amala aşyrylýar, iri maýa goýum taslamalary durmuşa geçirilýär, ýurdumyzyň halkara abraýy has-da belende galýar. Bu üstünlikleriň ählisi mähriban Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli hem-de çuňňur oýlanyşykly syýasatynyň netijesidir.

Hormatly Prezidentimiz ýurdumyzyň ylmynyň we biliminiň mümkinçiliklerini ählumumy parahatçylygyň, dostlugyň, ösüşiň bähbitlerine gönükdirýär. Iri halkara guramalary, daşary ýurtlaryň ylmy merkezleri bilen hyzmatdaşlyk pugtalandyrylýar.

Ýokary hasyl berýän, ýurdumyzyň toprak-howa şertlerine uýgunlaşan oba hojalyk ekinleriniň täze tohumlaryny döretmek, Garagum sährasynyň hem-de Hazar deňziniň ösümlik we haýwanat dünýäsiniň gymmatly görnüşlerini gorap saklamak, «Altyn asyr» Türkmen kölüni we onuň şor suw akabalaryny, şeýle hem oňa ýanaşyk ýerleri oba hojalygynda peýdalanmagyň ýollaryny kesgitlemek boýunça netijeli ylmy-barlag işleri geçirilýär. Bu bolsa sebitiň ekologiýa ýagdaýyny gowulandyrmaga oňyn täsir edýär.

Türkmen topragynyň nygmatlaryndan netijeli peýdalanmak, ýurdumyzda azyk bolçulygyny üpjün etmek hormatly Prezidentimiziň agrar syýasatynyň esasy maksadydyr. Obada amala aşyrylýan toplumlaýyn we giň möçberli özgertmeleriň netijesinde ýurdumyzyň obasenagat toplumy eziz Watanymyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna, halkymyzyň abadançylygynyň ýokarlanmagyna ýardam edýär. Pudaklaýyn düzümiň täze tehnikalar bilen üpjün edilmegi we döwrebaplaşdyrylmagy, öňdebaryjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy, oba zähmetkeşleriniň ýokary hilli tohumlar hem-de zerur bolan mineral dökünler bilen üpjün edilmegi netijesinde şu ýyl galla oragy möwsümi üstünlikli tamamlandy.

Bugdaýyň satyn alyş nyrhynyň yzygiderli ýokarlandyrylmagy, daýhan birleşiklerine, kärendeçilere, telekeçilere oba hojalyk tehnikalaryny satyn almak üçin berilýän ýeňillikli karzlar, oba zähmetkeşleriniň ýaşaýyş-durmuş şertleriniň gowulandyrylmagy ekerançylaryň zähmet öndürijiligini, olaryň ýokary hasyl almaga gyzyklanmasyny artdyrmak üçin oňat höweslendiriş çäreleri boldy.

Ýurdumyzy ösüşden-ösüşe alyp barýan hormatly Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak bolsun, il-ýurt, dünýä ähmiýetli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Maýa MEREDOWA,**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy.**

Usulyýet — sapagyň esasy

# Sanly bilim ulgamyny ulanýarys

**«Türkmenistan — rowaçlygyň Watany» diýlip atlandyrylan ýylda sanly bilim ulgamynyň işiniň öňe gitmegi bilim işgärleriniň öňünde täze wezipeleri goýýar. Milli Liderimiziň parasatly baştutanlygynda ýurtda berilýän bilimiň hilini gowulandyrmaga, ýaşlary watansöýüjilik we ynsanperwerlik ruhunda terbiýelemäge aýratyn uly üns berilýär. Diýarymyzyň ähli ýerindäki bilim ojaklarynyň — mekdebe çenli çagalar edaralarynyň, umumybilim berýän orta we hünär berýän ýörite we ýokary okuw mekdepleriniň täze tehnologiýalar bilen yzygiderli üpjün edilip, maddy-enjamlaýyn binýadynyň düýpli gowulandyrylmagy zähmetiň netijeliligini gazanmaga, işiň mazmunyny baýlaşdyrmaga öz täsirini ýetirýär. Dünýäniň soňky gazanan tehnologiýa mümkinçilikleriniň netijesinde guralýan sapaklar bolsa öz ähmiýetli taraplaryny ýüze çykaryp, okuwçylaryň sowatlylygyny artdyrmaga ýardam edýär.**

Mälim bolşy ýaly, sapaklar «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasyna», şeýle hem ony durmuşa geçirmegiň meýilnamasyna laýyklykda alnyp barylýar.

Bilim bermegiň ähli basgançaklarynda okatmagyň maksatnamalary ýokary hilli elektron materiallar (elektron kitaplar, elektron gazet-žurnallar, elektron şekiller we beýlekiler) hem-de uzak aralykdan bilim bermek teleköpri arkaly amala aşyrylýar.

Ylym we döredijilik mümkinçilikleriniň ösüş derejesi bilen tapawutlanýan sanly bilimiň biziň zähmet çekýän orta mekdebimize hem ornaşdyrylmagy giň gerime eýe bolýar. Guraýan sapaklarymyzyň maksadyny aýdyňlaşdyrmaga, okuwçylaryň temalary oňat öwrenmegine, köp maglumatlaryň berilmegine, temanyň täsirliligini artdyrmaga, ýaşlary elektron hyzmatlardan peýdalanmaga çekmekde, innowasion düşünjelerini çuňlaşdyrmaga täsir edýän sanly ulgamyň mümkinçilikleri netijesinde bilim bermegiň täze usulyýeti özleşdirilýär. Multimedia we kompýuter serişdeleri arkaly guralýan sapaklar gyzykly häsiýete eýe bolýar, ýaşlaryň bilesigelijiligini, sapaga işjeň gatnaşmagyny üpjün edýär. Bu günki günde döwrüň ösmegi, durmuş şertleriniň gowulanmagy netijesinde ösüp gelýän ýaş nesil elektron serişdelerden ýerlikli peýdalanmagyň hötdesinden gelýär. Türkmen ýaşlary diňe bir ýurtda ornaşdyrylýan tehnikalara erk etmek bilen çäklenmän, eýsem täze oýlap tapyşlar, ylmy açyşlar boýunça hem mynasyp işleri amala aşyrýarlar. Şu nukdaýnazardan döwrüň




talabyny, ýaşlaryň isleglerini nazara alyp, sapaklarymyzy çuňňur mazmunly we çagalaryň aňyna täsir eder ýaly derejede guramaga çalyşýarys. Ilkinji nobatda, sapaklarymyzda okuwçylaryň syýasy düşünjelerini baýlaşdyrmak, dersiň maglumat binýadyny berkitmek, hilini ýokarlandyryp, mazmun baýlygyny gazanmak maksady bilen, hormatly Prezidentimiziň ajaýyp kitaplaryndan, taryhy çykyşlaryndan, edebi eserlerinden peýdalanýarys.

Sanly bilim ulgamynyň çäklerinde, mysal üçin, türkmen dili dersinde ene dilimiziň öwüşginlerini, özboluşlylygyny, ses-ýazuw aýratynlyklaryny degişli elektron görkezme serişdeleri arkaly okuwçylara ýetirýäris. Gysga ses ýazgylaryny eşitdirip, okuwçylaryň pikirlerini beýan etmek, wakany çeperleşdirmek, eşiden maglumatlaryna görä beýannama ýazmak ýaly başarnyklaryny kämilleşdirýäris.

Edebiýat sapagynda bolsa elektron hyzmatlaryň netijesinde ömri we döredijiligi öwrenilýän şahsyýete degişli dürli şekilli görnüşler, wideo we audio ýazgylary ulanyp, onuň eserlerinden parçalary ses ýazgylary arkaly okuwçylara ýetirýäris. Şeýle-de bu sapaklarda elektron kitaplardan, metbugat neşirlerinden işjeň peýdalanýarys. Bu bolsa wagty tygşytly we rejeli sarp etmäge, gysga wagtyň dowamynda köp maglumatlary toplamaga, öwrenmäge we ýaýratmaga täsir edýär. Şunuň ýaly-da geçilýän temanyň maksadyna görä bu ugurdaky täzelikleri hem internet hyzmatlary arkaly kabul edip, ony hem sapaga girizýäris we öýe berilýän ýumuşlarda okuwçylaryň sanly hyzmatlardan peýdalanyp, temany talabalaýyk özleşdirmeklerini gazanýarys. Şeýle mazmunda guralýan sapaklar öňde goýlan maksada ýetmegiň tiz we oňyn ýoly bolup durýar. Munuň özi dersiň çuňňur we maksadalaýyk öwrenilmegine, geçilenleriň tiz gaýtalanmagyna, bilimleriň berkidilmegine peýdaly täsir edip, sanly bilimiň netijeliligini ýüze çykarýar.

Bulardan başga-da geçilýän temalara laýyklykda, okuwçylaryň dil sowatlylygyny, ýazuw endiklerini, edebi düşünjelerini, bilim derejelerini kämilleşdirmek, çuňlaşdyrmak, ezber we ökde okuwçylary ýüze çykarmak hem höweslendirmek maksady bilen, özara bäsleşikleri, çäreleri yzygiderli guraýarys. Synplaryň arasynda görelde sapaklary gurap, tejribe alyşýarys hem-de sanly ulgamyň şertlerine daýanyp, sapaklarda degişli tilsimatlary, tehniki mümkinçilikleri peýdalanýarys.

Mekdebimizde türkmen dili we edebiýat mugallymlarynyň usuly birleşmesiniň işinde hem hünärimizi kämilleşdirmegiň ugurlaryna, sapaklarda täze usullardan peýdalanmagyň ýollaryna bagyşlap, ýörite maslahatlary, tegelek stoluň başyndaky söhbetdeşlikleri guramagymyz bilim-terbiýeçilik işiniň öňe ilerlemegine täsir edýär.

Berkarar döwletimizde sanly bilim ulgamynyň ornaşdyrylmagy netijesinde hormatly Prezidentimiziň bilim özgertmeleri barha rowaçlanýar. Bu mümkinçilikleri we täzelikleri öz durmuşynda we okuwynda peýdalanýan ýaş nesil mähriban Watanymyza, ajaýyp döwrümize, Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden buýsanýar. Biz hem milli bilim ulgamyny düýpli döwrebaplaşdyrmaga we kämilleşdirmäge aýratyn üns berýän döwlet Baştutanymyza çäksiz alkyşlar aýdýarys.

**Şemşat HUDAGULYÝEWA,**
**Halaç etrabyndaky 25-nji orta mekdebiň türkmen dili we edebiýat mugallymy.**

# ENE MÄHRI

**Enäniň waspyny edip, heý, gutaryp bolarmyka?! Muňa bir söz bilen «bolmaz» diýip bileris. Olar hakda ýazylan goşgudyr eserler kän. Pähim-paýhasa ýugrulan ajaýyp sözler enäniň mukaddesligine has çuňňur düşünmekde bize kömege gelýär. Mähriban Prezidentimiziň «Enä tagzym — mukaddeslige tagzym» diýen meşhur kitabynda: «Ene ähli ýaradylyşa dahylly beýik düşünjedir. Enä minnetdar bolmak özüňe, şu dünýä, tutuş barlyga dahyllydygyňa soňsuz hoşallygyňdyr» diýip, mähriban enelere bolan söýgi-sarpaňy has-da artdyrýar.**



Ene ýüreginiň mähir-çogy kuýaş tyglaryna deňelýär, ummanlary, älemleri ýyladýar. Çaga dil açyp saýranyndan ilkinji aýdýan sözi enedir. Gündogarda sözüň gudraty bar diýilýänini çaganyň dil açyp, «Ene» diýen sözi ilkinji senasyna getirendigi bilen delillendiresimiz gelýär.

Enäniň alkyşy ýollaryňy ýagtyldýan çyragdyr, nurdur. Jahanyň giňligi ýaly, ene ýüregi hem giňdir. Ol saňa hemişe goltgy bolup, ruhuňa kuwwat berýär. Balasynyň üstünde kökenek bolup kükregini gerýän, ençeme gijelerini ukusyz geçirýän beýik ynsana ene diýilýär. Eneler käbämizdir. Olaryň pendi, ündewi biziň ruhy dünýämize asudalyk getirýär. Enäniň ýüregi ýaly duýgur, ylahy mähir başga hiç bir ynsanda ýokdur. Ol ýürek perzendiniň hemişelik penakäridir.

Biz enäniň ýyly mährinden uly durmuşa, zähmete hemişe itergi berýän tapylgysyz güýç-kuwwat alýarys. Ene bilen Watan bir bitewilikdir. Olara söýgi ynsanyň kükreginde hemişe köräp durandyr.

**Nowruz KURBANOWA,**
**Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklary institutynyň talyby.**

# Okuw kitaplarynyň ähmiýeti

**Sowatly nesli kemala getirmekde mugallymlaryň, ata-eneleriň, jemgyýetçiligiň hyzmaty bilen bilelikde, okuw kitaplarynyň-da ähmiýeti uludyr.**

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalary bilen yzygiderli neşir edilýän täze okuw kitaplary, okuw gollanmalary kämillik, millilik we hil taýdan täze derejä çykdy. Şonuň üçin olary aýawly saklamak barada degişli işleri geçirmek zerur bolup durýar.

Mekdep esasy 3 sütüniň (mugallym, okuwçy, okuw kitaplary) birliginden hasyl bolýar. Şonuň üçin mekdep ýolbaşçylygynyň düzüminde barlag topary döredilip, ýylyň dowamynda okuw kitaplarynyň okuwçylara paýlanylyşy, ulanylyşy we aýawly saklanylyşy boýunça işler alnyp barylmalydyr.

Okuw ýylynyň ahyrynda mekdebiň kitaphanasyna synp ýolbaşçylaryndan, ders mugallymlaryndan we okuwçylardan okuw kitaplaryny ýygnap almak işi geçirilýär. Okuw serişdeleri, kitaplar ýörite işçi toparyň gatnaşmagynda 25-nji maýdan kabul edilip başlanýar. Bu toparyň düzüminde kitaphanaçy, müdiriň okuw işleri boýunça orunbasary, müdiriň hojalyk işler boýunça orunbasary we mugallymlar bolmalydyr.

Kitaplary kabul etmegiň dersler boýunça rejesi düzülýär we okuw kitaplary tekjede synplar boýunça ýerleşdirilýär. Kitaplar kabul edilip başlananda, düzülen reje esasynda synp ýolbaşçylaryndan we ders mugallymlaryndan her bir dersiň okuw kitaplary, görkezme esbaplary hem-de usuly gollanmalary okuw ýylynyň başyndaky paýlanyp berlen sany esasynda abatlanan görnüşinde işçi toparyň delilnama ýazmagy esasynda kabul edilip alynýar.

we gymmaty (bahasy) boýunça şoňa meňzeş döwrebap çeper ýa-da syýasy-jemgyýetçilik eserleri kabul etmäge rugsat edilýär.

Okuw kitaplary ýygnalyp alnandan soňra, olary doly tabşyrmadyk synp ýolbaşçysyna, ders mugallymyna ýa-da okuwçynyň ata-enesine ýitirilen kitabyň öwez tölegini ýerinde goýmak üçin belli bir möhlet berilýär.

Kitaby ýerinde goýmak ýa-da öwez tölegini tölemek üçin bäş günden uzak bolmadyk möhlet berilmeli, eger bellenen möhletinde kitap ýerinde goýulmasa ýa-da öwez tölegi tölenilmese, onda kitaphanaçy iki nusgadan ybarat habarnama ýazyp, işçi topar tarapyndan kitabyň kem tabşyrylandygy baradaky düzülen ykrarnamany goşup, bir nusgasyny mekdep müdirine berýär, beýleki nusgasy kitaphanaçynyň özünde saklanylýar.

Kitap toplumynyň sany boýunça işçi topar tarapyndan geçirilen tükelleýiş, seljerme işleri kitaphananyň kitap gory boýunça takyk maglumat ýygnalandan soňra, kitaphanada bar, ýiten we ýerine goýlan kitaplaryň umumy hasabaty taýýarlanýar. Taýýarlanylan hasabat mekdep müdiriniň tassyklamagy bilen, etrap (şäher) bilim bölümine tabşyrylýar.

Okuw serişdeleri, okuw kitaplar kitaphana ýygnalyp alnanda, abatlanan görnüşinde alynýar.

Kitaplar doly ýygnalyp alnandan soňra, kitaby täze okuw ýylyna taýýarlamak döwri başlanýar. Bu döwürde kitaplary abatlamak işleri ýerine ýetirilýär.

Kitaplar abatlanyp, doly gözden geçirilenden soňra, täze okuw ýylynda mekdep okuwçylaryny okuw kitaplary bilen üpjün etmegiň hasabaty çykarylýar we çykarylan hasabat boýunça degişli maglumatlar etrap (şäher) bilim bölümine iberilýär.

Mekdep okuwçylaryny täze okuw ýylynda ýetmeýän okuw kitaplary bilen üpjün etmek üçin mekdebara alyş-çalyş işleri geçirilýär.




Okuw kitaplary bilen okuwçylary üpjün etmek boýunça alyş-çalyş işleri geçirilen mekdepler bilen her ýylyň iýun aýynyň 5-ne çenli doly hasaplaşyk geçirilýär.

Işçi topar okuw serişdelerini, okuw kitaplary, görkezme esbaplary we usuly gollanmalary ýeke-ýekeden sanamak bilen tükelleýiş we seljerme işlerini geçirmelidir.

Okuw kitaby ýitirilen bolsa, onda Türkmenistanyň Medeniýet ministrligi bilen ylalaşyp, Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanylan «Umumy orta bilim berýän mekdepleriň kitaphanasy hakynda» täze Düzgünnamanyň esasynda töleg işlerini geçirmeli. Eger şol kitabyň bahasy görkezilmedik bolsa, onda şoňa meňzeş kitabyň deňeşdirme bahasyna barabar töleg bellenilýär ýa-da mazmuny

Ýörite we ýokary okuw mekdeplerinde okuwlaryny dowam etdirmek isleýänlere wagtlaýyn taýýarlanmak üçin okuw kitaplary berlende, onuň ata-enesiniň mekdep müdirine ýazan haýyşnamasy esasynda, pasport göçürmesini alyp, kitap berilýän kagyzçasyna kitabyň berlen we kitaphana gaýtaryp tabşyrmaly wagtyny goýup, gol çekdirip berilýär.

Gadyrly okyjylar, kitaby aýawly saklamak baradaky düzgünleri berjaý etseňiz, siz onuň ulanylyş möhletini has-da uzaldarsyňyz, bu bolsa kitaby taýýarlan, çap eden adamlaryň zähmetine uly sarpa goýdugyňyz bolar.

**Şirbaý GOÇAKOW,**
**Gubadag etrap bilim bölüminiň kitap toplumy boýunça hünärmeni.**

Tomus — 2019

# Şatlykly dynç alşyň hezilligi



**Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy netijesinde ösüp gelýän ýaş nesil barada uly alada edilýär. Tomus döwri ýurdumyzyň her bir künjeginde çagalaryň wagtyny hoş geçirmek üçin dynç alyş we sagaldyş merkezleri hem-de orta mekdepleriň ýanynda dynç alyş meýdançalary hereket edýär.**

Baýramaly şäheriniň 1-nji, 5-nji, 6-njy, 7-nji, 8-nji, 16-njy orta mekdepleriniň ýanyndaky dynç alyş meýdançalarynda dürli çäreler geçirilýär.

Biziň 5-nji orta mekdebimiziň «Güneş» atly çagalar dynç alyş meýdançasyna çagalaryň 25-den köprägi gatnaýar. Gür baglyga bürenip oturan mekdebimizde çagalaryň göwnejaý dynç almagy, wagtlaryny täsirli we şadyýan geçirmegi üçin ähli amatly şertler döredildi.

Geçiriljek işleri göwnejaý guramakda yhlasyny gaýgyrmaýan tejribeli mugallymlary — Jeren Sytdyhowany, Şemşat Çaryýewany, Şatlyk Gulmyradowy, Gülsin Pygamowany, Toýly Akmämmedowy, şeýle hem meýdançanyň ýolbaşçysy Hudaýberdi Hudaýberdiýewi atlandyrmak bolar. Meýilnama esasynda çagalaryň arasynda sport ýaryşlary, aýdym-saz, tans etmek, surat çekmek, ertekili kitaplary okamak, şaşka-düzzüm oýunlaryny oýnamak boýunça çäreler täsirli guralýar.

Baýramaly şäher häkimliginiň, şäher bilim bölüminiň we Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň şäher Geňeşiniň bilelikde guramagynda dynç alýan çagalar bilen «Gadymy Merw» taryhy ýadygärlik toplumyna gezelenç guraldy. Gezelençde Watanymyzyň geçmiş taryhy, Mary welaýatyndan geçen Ýüpek ýolunyň taryhy barada mekdebimiziň türkmen dili we edebiýat mugallymy Abdyrahman Halilowyň gyzykly gürrüňleri çagalarda uly täsir galdyrdy. Çagalaryň tomusky dynç alyş günleriniň şatlykly, şowhunly geçmegi üçin alada edýän hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň janynyň sag, ömrüniň uzak bolmagyny arzuw edýäris.

**Suratda: çagalar gezelenç wagtynda.**

**Enebaý AGAMYRADOWA,**
**Baýramaly şäherindäki 5-nji orta mekdebiň müdiri.**
**Surata düşüren Döwlet MUHAMOW.**

**Mähriban Watanymyzda Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen ýaş nesliň hemmetaraplaýyn sazlaşykly ösmegi ugrunda döwlet derejesinde uly alada edilýär. Mekdep okuwçylarynyň tomusky dynç alşy şatlyk-şowhunly dowam edýär. Häzir mekdep okuwçylary tomusky dynç alyş günlerini ýurdumyzyň ajaýyp tebigy künjekleri bolan Gökderedäki, Hazaryň kenaryndaky «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky we welaýatlardaky çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezlerinde, şeýle hem mekdepleriň ýanynda işleýän dynç alyş meýdançalarynda şatlykly geçirýärler.**



Paýtagtymyzdaky ýöriteleşdirilen 29-njy orta mekdepdäki «Rowaç» atly dynç alyş meýdançasynda «Şadyýanjalar», «Saýrak bilbiller», «Şowhun» we «Melekler» diýen dört sany topar hereket edýär. Ol toparlaryň hersinde



25 sany, her tapgyrda bolsa jemi 100 sany çaga dynç alýar. Dynç alyş meýdançasynda çagalar üçin kompýuter otaglary bar.

«Rowaçda» tejribeli mugallymlar we terbiýeçiler zähmet çekýärler. Meýdançanyň ýolbaşçysy Jahan Hudaýgulyýewanyň gürrüň bermegine görä, olardan Ýazgül Borjakowa, Dürli Nuryýewa, Amangül Gylyjowa çagalar bilen dürli çäreleri geçirmekde has-da tapawutlanýarlar. Terbiýeçiler ýörite tassyklanylan meýilnama esasynda dynç alýan çagalaryň arasynda sportuň dürli görnüşleri, şeýle hem aýdym-saz,surat çekmek boýunça bäsleşikleri yzygiderli geçirýärler.

Dynç alýan çagalar bilen paýtagtymyzyň gözel ýerlerine gezelençler guralýar. Bu gezelençler okuwçylarda tebigata bolan söýgini döredýär.

Bu dynç alyş meýdançasynda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň, Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyplary tejribelik hem geçýärler. Olar çagalar bilen dürli çäreleri guraýarlar. Çagalara türkmen, rus, iňlis, nemes, fransuz dillerinde Watan baradaky aýdymlary, goşgulary öwredýärler.

Mahlasy, bu çagalar dynç alyş meýdançasynda şatlyk-şagalaň, çaga gülküleri belent ýaňlanýar.

**Agagül DURDYÝEWA,**
**Magtymguly adyndaky TDU-nyň žurnalistika hünäriniň talyby.**

# 50 ýyl mundan ozal 1-nji synpdyk

Çaga döwrümiz özümizden uly doganlarymyz mekdebe gitse, biziňem basymjak şolar ýaly okuwçy bolasymyz gelerdi. 1969-njy ýylyň awgust aýydy. Ol arzuwlarymyza şaýat günler ozal deňimizden geçen hem bolsa, aýlanyp gelip ýedi ýaşymyň dolandygyny buşlady. Obada hemmeleriň işigi uludy. Ejem gyzlaryna «Irden öýi, işigi syrsaňyz, il görer, agşam syrsaňyz, öý görer» diýensoň, elimize sübse alyp irden öýi, işigi, öýüň deňindäki köçäni, mal ýataga barýan ýodany süpürip, ýapdan suw daşap suwlamagy endik edipdik. Bir gün özümden uly doganlarym Abadan bilen Zybagül: «Sen entäk kiçi, saňa ojagyň töweregini süpürmek hem ýetik» diýip, bili boglan kiçi ak sübsäni elime berdiler.

Oba adamlary ak sübseligi ýap gyralaryna ekerdiler, oňa «Türkmen sübse» diýerdiler. Doganlarym bolsa özlerine gaýramyzdaky boşluk meýdandan ýylgyn şahalaryndan sübselik alyp gelipdiler.

«Itiňiz bar ekeni, tutaweriň!» diýip, iki örüm saçy öňüne goýberilen, kellesi kiçi ýaglykly mugallymlar Ogulsapar Allaberdiýewa bilen Amangül Jumalakowa köçeden bize tarap sowuldy. Biz ýerimizden turup, mugallymlara salam berdik. Peleň akylly it bolansoň, «tur» diýmesegem, ýüzüni agras tutup gapymyzdaky şatudyň aşagyndan uly erigiň aşagyna geçip, ýerini üýtgedip ýatardy. Mugallymlar salamymyzy alyp, «Tüweleme, işeňňir gyzlar! Işikleriňizi ýalpyldadypsyňyz. Ejeňiz, kakaňyz öýüňizdemi? Biz ýedi ýaşy dolan oglan-gyzlary mekdebe ýazýarys» diýdiler. Biz ejemiň tamdyra çörek ýapyp, ýaňyja öýe girendigini, kakamyň işe gidendigini aýdyp-aýtmankak, ejem gujagyna jigimi alyp, jaýdan daşa çykdy. «Ogulsapar jan, Amangül jan, sag-gurgunmysyňyz? Geliň, geçiň!» diýip, eplengi duran mahmal düşekçäni bize ýazdyrdy. Olar aýlanmaly öýüniň köpdügini, oturmaga wagtlarynyň çäklidigini aýdyp, düýe ýüň saçakdaky tamdyrdan täze çykan gyzgyn çörekden duz datdylar. Ogulsapar mugallym ýany bilen getiren gazete oralgy syýa gutusyny emaý bilen tapçanyň üstünde goýdy. Ol egnindäki halyça ýantorbasyndan bir okuwçy depderini, agaç saply perosyny çykardy. Hoş habarly gelen mugallymlar meniň adymy, doglan ýylymy, aýymy, günümi ýazdylar. Amangül mugallym «5-likçi bolarsyň-a» diýip, depe gulpagymdan ýuwaşja çekip ýylgyrdy. Soňra olar ýoluny dowam etdiler. Ol döwürler mekdebe gidýänçäk, kakam gyzlarynyň saçyny syryp, kellämizde bir maňlaý gulpak, iki çekge gulpak, iki depe gulpak, bir ýeňse gulpak goýardy. Gulpaklarymyzy biri-birine goşup, alaja ýa-da lentä örerdik.

Birinji synpa baranymda, ussat mugallym Durdy Utanlyýew ortaky hataryň üçünji partasynyň çep tarapynda meni, sag tarapynda partadaşym Ogulbaýram Kulyýewany oturtdy. Iki aý okanymyzdan soňra, syýa gutularyň ýerine ruçka ulanyp, hat ýazyp başladyk. Şeýlelikde, obamyzyň mekdep okuwçylary 1969-njy ýylda ilkinji gezek ruçkaly hat ýazyp başladylar. Okuwçy döwrümde on ýyllap maňa «Partaňy üýtget» diýen mugallym bolmady. Synpymyz üýtgese-de, oturýan ýerim üýtgemän, ortaky hataryň üçünji partasynyň çep tarapynda on ýyl oturyp, mekdebi tamamladym.

Kitaba pederlerimiziň uly hormat goýşy ýaly, şol döwürde biz kitabymyzyň, depderimiziň daşyna matadan, kagyzdan daş tutardyk. Käbir okuwçy mekdebe halyçadan, kilimçeden, matadan ýantorba götererdi. Soň-soňlar ähli okuwçylar okuwçy sumkasyny ulanyp başladylar. Kakam her gün agşam işden gelip, biziň kitap-depderlerimiziň arassalygyna, öý işlerimiziň ýerine ýetirilişine üns berip, bilmeýän zatlarymyzy öwrederdi.



Ejem bolsa okuw eşiklerimiziň arassaçylygyna serederdi.

Şol döwrüň «Mydam taýýar» gazetinde «Dostluk açsaňyz» diýip, pioner oglanlaryň, gyzlaryň adresleri, käbiriniň suratlary görkezilerdi, dostlukly gatnaşyklar açylyp, hat alşylardy. Pioner döwrümizde «Mydam taýýar» gazetiniň bir sanynda çölde azaşan jeren owlajygy hakynda hekaýam çap bolupdy. Hekaýamyň aşagynda adym, familiýam, etrabymyzyň ady, mekdebimiziň belgisi bolansoň, ýurdumyzyň dürli künjeginden maňa hat gelipdi. Ol döwürlerde oba poçtalýony köçe-köçe aýlanyp, ýakyndan-uzakdan hat, baýramçylyklara gutlaglar, telegrammalar iberilen bolsa, olary gowşurardy.

Obamyzda on, on iki çagaly eneler köpdi. Olar agyr durmuşy gören, bugdaý ekip, bugdaý oran, gowaça otap, pagta ýygan, ýüpek gurçugyny idedip, pile tabşyran, ýüň tüýdüp, keçe basan, ýüň egrip, haly dokan, irden turup, sygyr sagan, iki günden tamdyra ot ýakyp, çörek ýapan, ojakda süýt, nahar bişiren, ogul-gyzlaryny adamkärçilikli, zähmete ukyply, jemgyýete gerekli, pespäl ynsan edip ýetişdiren enelerdi.

Mekdep göreldeli okuwçylary «Hormat haty», ýadygärlik sowgady bilen sylaglardy. Birnäçe Hormat hatlaryny, ýadygärlik sowgatlaryny almak maňa-da miýesser edipdi. Şol sowgatlaryň biri Türkmenistanyň Gahrymany Gözel Şagulyýewanyň «Men garagumly» atly kitapçasy, Hydyr Derýaýewiň «Harasat» atly kitabydy.

Ýurdumyzyň ähli ýerinde pagta ýygymy awgust aýynyň aýagynda başlap, dekabr aýyna çenli dowam ederdi. Pagtanyň birinji ýygymyna «Gül ýygym», soňky ýygymlara «ikinji, üçünji ýygym» diýerdiler.

**(Ýatlama)**

Mekdepde 8-nji, 10-njy synpda okaýan oglan-gyzlar 96 sahypalyk umumy depderden «Ýaşlyk», «Joşgun», «Gülälek» atly ýatlama albomy ýörederdiler. Ýatlama albomynyň eýesi synpdaşlaryndan, joralaryndan ýaşlykdan ýadygär galjak ýazgy ýazmagy haýyş ederdi.

Olar:

***Ýaz ösen ýapraklar güýz güni gaçar,***
***Bagyny terk edip, bilbiller uçar,***
***Ömür baky däldir, ýaşlyk hem geçer,***
***Emma bu ýazgylar ýadygär galar! —***

diýip, goşgy setirlerini şol alboma ýazardylar, owadan gülleri çekerdiler. 8-nji we 10-njy synpda ýöredilen şol ýaşlyk albomlary soň-soňlar ýaşlyk ýyllaryny ýatladýardy.

Kerki etrabynyň Gyzylaýak obasyndaky 20-nji orta mekdebi 1969 — 1979-njy ýyllarda «A, B» synpda 57 okuwçy bolup tamamladyk. Uçurymlardan ýokary okuw mekdebinde we ýöriteleşdirilen okuw mekdebinde köp sanlysynyň okamagy, olaryň dürli käri ele alyp, mynasyp adamlar bolmagy bu günki gün hemmeleri buýsandyrýar.

Maşgalamyz ylma, bilime, sungata çäksiz hormat goýýar. Kakam käwagt diwardan asylgy mahmal daşly dutaryny eline alyp, dutar çalyp, bize dessan aýdyp bererdi. Ejem jaýyň töründäki ýüzi nagyşly agaç sandygynyň bir burçunda, guramalap bejeren kiçijik bukjasynyň içinde saklaýan gopuzyny çalyp, ajaýyp owazlary diňlederdi. Men hem mekdepde baýramçylyklarda «Enem sen», «Çalsana, bagşy!», «Saýra, dutar!», «Jerenler» atly aýdymlary ýerine ýetirip, aýdym aýdardym. On iki çagany dünýä inderen käbämiň perzentleri bu günki gün dürli käri ele alyp lukman, hasapçy, mugallym, sungat işgäri, kärendeçi bolmak bilen, ýurdumyzyň dürli künjeginde eziz Watanymyza, agzybir halkymyza hyzmat edip, zähmet çekýärler.

Men hiç haçan ak mekdebimizden üzňe bolmadym. Mukaddeslige öwrülen mekdebimize dörän çäksiz söýgi ata-babalarymyzyň ynsanperwerlik ýoluny gursagyma guýdy. 1999-njy ýyldan bäri her ýyl mekdebimizi abadanlaşdyrmaga çekýän halal zähmet hakymdan maddy ýagdaýyma görä hemaýat edýärin. Edep-terbiýe, bilim beren mekdebimizi tamamlanymyza 2019-njy ýylyň maý aýynda 40 ýyl doldy. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe biz enelere sagdyn hem ruhubelent terbiýelenýän agtyjaklarymyzy ýanymyza alyp, olara okuwçy ýyllarymyzy gürrüň berip, «Mundan ýarym asyr ozal biz hem birinji synpdyk» diýip, olaryň bagtyna guwanmak galýar.

Bu ajaýyp durmuşda ýaşamaga, okamaga, işlemäge giň mümkinçilikleri döreden alym Prezidentimiziň jany sag, ömri uzak, alyp barýan tutumly işleri rowaç bolsun!

**Nabat MELÄÝEWA,**
**TYA-nyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň uly ylmy işgäri.**

Nukdaýnazar

# Gözellige söýgi

### «Türkmen halkynyň ruhy gymmatlyklary» makalalar toplumyndan

**Halkymyzyň gözellige söýgüsi çäksizlige çenli baryp ýetýär. Mähriban halkymyzyň gözellige söýgüsinde onuň päk kalby, hemme ýerde diňe gözellik döretmäge bolan çäksiz ymtylyşy, ähli ýerden gözellik gözleýşi tutuş aýdyňlygy bilen örboýuna galýar. Bu halkymyzyň döreden deňsiz-taýsyz sungat eserlerinde hem, daş-töweregini gurşap alan dünýäsini has-da gözelleşdirmäge çalşyşynda hem, içki medeniýetinde hem, egin-eşik geýmek üçin reňk saýlap alşynda hem, şäherleri, obalary gurmak üçin ýer saýlap alşynda hem, sözleýiş medeniýetinde hem, sungatda döreden, aňyrsy-bärsi ýok gözellik dünýäsinde hem, ekerançylyk, maldarçylyk, şäher medeniýetinde hem... anyk görünýär.**

Türkmen halkynyň dünýä beren uly gymmatlyklarynyň biri bolan, owadanlygy, asyllylygy, duýgurlygy bilen göreni haýran edýän, dünýäde «arş atlary», «asman atlary» diýen ada eýe bolan türkmen bedewleri hem halkymyzyň gözellik döretmäge çäksiz ymtylyşynyň, asyrlaryň dowamynda köp zähmet, yhlas, söýgi siňdirip deňsiz-taýsyz gözelligiň ajaýyp nusgasyny döredendiginiň aýdyň mysalydyr.

Halkymyzyň döreden bu gudratynda — gözelligiň, owadanlygyň deňsiz-taýsyz nusgasyna öwrülen ajaýyp bedewlerinde onuň müňýyllyklaryň dowamynda çeken zähmetiniň, eden yhlasynyň, gözellik baradaky düşünjeleriniň yzlary bar. Ajaýyp türkmen bedewlerinde, olaryň gaýtalanmajak keşbinde beýik halypalaryň — meşhur seýisleriň asyrlaryň dowamynda çeken halal we döredijilikli zähmetiniň, alyp baran tohumçylyk işleriniň netijelerini görmek bolýar. Şol bir wagtda-da, bu täsin gudrata öwrülen bedewlerde halkymyzyň hemişe gözelligiň, kämilligiň gözleginde bolandygynyň aýdyň subutnamalaryny, gözellikden sungat döretmek babatda çuň kökleri bolan garaýyşlaryny görmek bolýar. Halkymyz köp asyrlaryň dowamynda gözellige çäksiz ymtylmadyk bolsa, gözellikden sungat döretmedik bolsa, tutuş adamzadyň gymmatlygyna öwrülen şeýle ajaýyp atlar döremezdi.

Halkymyzyň dünýä beren deňsiz-taýsyz gözelligi, nepisligi, inçe sungaty, köp zähmetiň, azaplaryň, yhlasyň, söýginiň, mähriň, ajaýyp duýgularyň önümi bolan akylyňy haýran edýän ýene-de bir sungat eseri türkmen halysydyr.

Türkmen halysy diňe bir adamyň öz elleri bilen döreden gözelliginiň gaýtalanmajak nusgasy bolmak bilen çäklenmän, eýsem ol özünde örän köp düşünjeleri hem jemleýär. Türkmen halysynda halkymyzyň ýokary medeniýetini, asyrlaryň dowamynda kemala getiren durmuş pelsepesini, mizemez ýörelgelerini, ýaşan sebitleri, başyndan geçiren wakalary, däp-dessurlary, halaýan reňkleri, dini-filosofik garaýyşlary baradaky düşünjeleri, ýene-de köp sanly maglumatlary görmek bolýar. Türkmen halylaryndaky mizemez deňölçeglilik, reňkleriň täsin sazlaşygy, älem, çarhypelek baradaky düşünjeler, sungat döretmäge, adamyň daş-töweregini gurşap alan dünýäni sungatyň üsti bilen şekillendirmäge ymtylyş olary synlan her bir adamda hiç wagt ýatdan çykmajak ýakymly täsirleri galdyrýar.

Türkmen halylary halkymyzyň köklerini gadymy döwürlerden alyp gaýdýan ýokary medeniýetini, gözellikden, reňkleriň sazlaşygyndan sungat döredip bilşini, hemişe gözelligiň gözleginde bolandygyny, öz döreden gözelliginden alýan ruhy lezzetini, päk kalbyny, ajaýyp arzuw-umytlaryny, geljege bolan beýik ynamyny, daş-töweregini gurşap alan tebigata, ähli barlyga söýgüsini, ýene-de köp ajaýyp häsiýetlerini açyp görkezýär.

Türkmen halylary yhlasly zähmetiň, deňsiz-taýsyz ussatlygyň netijesinde gözelligiň sungata öwrülmesidir. Türkmen halylary gözelligiň, nepisligiň adamyň yhlasy, içki medeniýeti, umyt-arzuwlary bilen sazlaşykly utgaşyp, täsin gudrata öwrülmesidir. Türkmen halylary halkymyzyň gözelligiň, nepisligiň nusgasy hökmünde dünýä beren uly gymmatlyklarynyň biridir. Türkmen halylary halkymyzyň döreden sungatynyň janly keşbe girip, gözelligiň nusgasyna öwrülip örboýuna galmasydyr. Türkmen halylary halkymyzyň gözellige çäksiz söýgüsiniň ölmez-ýitmez nusgasydyr.

Halkymyzyň döreden ähli gymmatlyklarynda onuň gözellige, kämillige, nepislige, dünýäni önküden-de gözelleşdirmäge, her bir döreden eserini kämil derejä ýetirmäge çäksiz ymtylyşyny görmek bolýar. Muňa mysal hökmünde türkmen gawunlaryny görkezmek ýeterlikdir. Gawunlaryň görnüşleri biri-birine meňzeş däldir. Olaryň her biriniň ysy, ýakymy, tagamy, reňki, ölçegleri, daş keşbi aýratyn. Olaryň atlaryndan hem halkymyzyň gözellikden çäksiz ruhy lezzet alýandygyny, her bir döreden eserinde kämillige, gözellige, nepislige hemişe ymtylýandygyny görmek bolýar. Olarda halkymyzyň kämil eser döretmek, her bir elinden çykan zady sungat derejesine ýetirmek üçin çeken köpasyrlyk zähmetiniň, taýsyz yhlasynyň yzlaryny görmek bolýar.

Halkymyz ýaşamak, ömürlik mekan tutmak üçin hem tebigatyň iň gözel ýerlerini, iň oňaýly şertleri bolan sebitleri saýlap alypdyr. Halkymyzyň döreden ilkinji obalarynyň, şäherleriniň hem uly derýalaryň, bol suwly çeşmeleriň golaýynda ýerleşmegi muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Şol ýerlerde hem halkymyz daş-töweregini gurşap alan tebigaty has-da baýlaşdyrmak, tebigata aýawly çemeleşmek, onuň gözelliklerini, täsin dünýäsini gözüniň göreji ýaly gorap saklamak ugrunda taýsyz tagallalary edipdir.

Halkymyz mekan tutan sebitlerinde ösümlik dünýäsini baýlaşdyrmaga, gözellik döretmäge, ýaşamak üçin oňaýly şertleri döretmäge aýratyn üns beripdir. Halkymyzyň köp asyrlaryň dowamynda yhlasly zähmet çekip döreden ajaýyp ösümlikleri: üzüm, alma, injir, derek, güjüm, çynar, nar, erik ýaly ösümlikleri we beýleki ösümlikleri muňa aýdyň şaýatlyk edýär.

Halkymyzyň gadymy şäherlerde döreden binagärlik ýadygärlikleri hem onuň gözellige çäksiz ymtylyşyny görkezýär. Bu binagärlik ýadygärlikleriniň gurluşygy üçin serişdeleriň saýlanyp alnyşy, olara siňdirilen pelsepe, dürli düşünjeler, olary bina eden ussalaryň taýsyz ussatlygy, olarda gözellik, nepislik, berklik, beýiklik, mizemezlik ölçegleriniň ähli talaplarynyň berjaý edilmegi akylyňy haýran edýär.

Görşümiz ýaly, halkymyzyň döreden her bir sungat ugry gözellikden, gözellik döretmäge çäksiz ymtylyşdan, sungatda kämillige ýetmek ugrunda çekilen yhlasly we döredijilikli zähmet, sungatda gözellik döretmek ugrunda taýsyz tagallalardan gözbaş alýar.

Halkymyzyň döreden her bir sungat eseri gözelligiň gaýtalanmajak nusgasy hökmünde nesiller üçin bahasyny hiç zat bilen ölçäp bolmajak ylham, buýsanç, guwanç çeşmesidir, gözellik döretmekde, gözellikden sungat döretmekde özboluşly mekdepdir. Bu sungat eserleriniň her biri düýpli we çuň öwrenilmäge, aýawly saklanylmaga mynasypdyr.

**Hemra HAÝTJANOW.**

# «Ýamanlyga ýagşylyk är kişiniň işidir»

(Rowaýat)



*Ir döwürde bir ýurduň patyşasynyň üç ogly bolupdyr. Olar akylly, bilimli we dürli hünärleri başarýan ýigitler bolup ýetişipdir. Patyşa bir gün baş wezirini ýanyna çagyryp, bu dünýäden gitmänkä, ogullarynyň haýsysyny öz ornuna goýjakdygy barada maslahat sorapdyr. Baş wezir biraz oýlanyp, şeýle diýipdir.*

*— Üç ogluňyzam, tüweleme, bilimli, edepli we zehinli. Ogullaryňyz ýurdy gowy dolandyrar, ýöne olaryň arasyndan iň zehinlisini, döwletimiziň at-abraýyny has-da belende göterip bilýänini saýlamak üçin, olaryň öňünde şert goýuň. Üç aýyň dowamynda olar ýurdumyz we halkymyz üçin peýdaly iş etsinler. Haýsy şerti gowy ýerine ýetirse, şony ornuňyza goýarsyňyz.*

*Bu maslahat patyşanyň göwnüne ýarapdyr we ogullaryny ýanyna çagyryp, baş weziriň aýdan şertlerini ogullaryna tapşyrypdyr.*

*Üç aýdan soň patyşa ogullaryny ýanyna çagyryp, ähli wezirleriň öňünde ogullaryna tabşyran şertleri boýunça uly oglundan sorapdyr:*

*— Oglum, sen üç aýyň dowamynda ýurdumyza, halkymyza peýdaly näme işler etdiň?*

*Uly ogly edeplilik bilen ähli wezirlere we atasyna ýüzlenip:*

*— «Men üç aýyň dowamynda obanyň adamlarynyň bazara gelip-gitmegini aňsatlaşdyrmak üçin derýanyň üstünden köpri gurdum we obalaryň arasyndaky ýollara daş düşedim — diýipdir. Patyşa oglunyň işinden göwni göterilip:*

*— Oglum, gowy iş edipsiň, köpri gurmak, ýol gurmak uly sogap işdir — diýip, ikinji oglundan hem eden işini sorapdyr. Ikinji ogly edeplilik bilen patyşa we wezirlere ýüzlenip:*

*— Men üç aýyň dowamynda bag ekdim, uzak obalara suw barar ýaly ýap gazdym — diýipdir. Patyşa ikinji oglundan hem göwni göterilip:*

*— Berekella, oglum! Bag ekmek, ýap gazmak uly sogap işdir — diýip, üçünji ogluna ýüzlenipdir.*

*— Men goňşy ýurduň halkyna bugdaý paýladym, sebäbi geçen ýyl olaryň hasyly gowy bolmandyr — diýip jogap beripdir.*

*Patyşa oglunyň bu işine gahary gelip:*

*— Oglum, ony oňarmansyň! Geçen ýyl şol kömek beren ýurduň üstümize çozuş etdi. Şol kömegi etmänkäň, bu barada oýlanmadyňmy? — diýip, ogluna gaharly seredipdir. Ogly oňa şeýle jogap beripdir:*

*— Näme iş etsem, ýurdumyza peýda getirer diýip köp oýlandym. Halkymyz agzybir, bolelin durmuşda, erkana ýaşap gelýär. Goňşy döwletiň halky birnäçe ýyl bäri kynçylykda ýaşap gelýär. Men şony bilip durkam, olara kömek bermesem, oňşukly ýaşamakda kim kömek berer diýip oýlandym.*

*Patyşa ogluna hiç zat diýmän, wezirlerine ýüzlenip, şeýle diýipdir:*

*— Ynha, eşitdiňizmi? Üç oglumyň haýsysy meniň ornuma laýyk?*

*Wezirleriň ýarysy birinji oglunyny, beýleki ýarysy ikinji ogluny patyşanyň ýerine goýmagy laýyk bilipdir. Az salymdan, soň baş wezir patyşa we wezirlere ýüzlenip, şeýle diýipdir:*

*— Patyşahym, size halkymyzyň adyndan minnetdarlyk bildiresim gelýär. Şeýle edepli, bilimli ogullary ösdürip ýetişdiripsiňiz. Halkymyz agzybirlikde, bolçulykda ýaşap gelýär. Birinji we ikinji ogullaryňyz döwleti gowy dolandyrar, halkymyzyň mundan beýlägem agzybirlikde we bolçulykda ýaşamagy üçin ähli güýçlerini gaýgyrmazlar, ýöne üçünji ogluňyzyň öňdengörüjilik ukybynyň goňşy döwletler bilen parahatçylygy saklajakdygyna, ýurdumyzyň at-abraýyny dünýä ýaýratjakdygyna ynanýaryn. Halk arasynda «Daş bilen urany aş bilen ur» diýen nakyl bar. Üçünji ogluňyz şol nakyllara eýerip, goňşy ýurda kömek beripdir.*

*Patyşa:*

*— Baş wezirim, seniň berýän dana maslahatlaryň bizi köp ýyllardan bäri goldap gelýär. Seniň aýdyşyň ýaly, üçünji oglum ornumy eýelär — diýipdir.*

*Patyşanyň üçünji ogly goňşy ýurtlar bilen aragatnaşygy ösdüripdir. Ýaşlaryň bilim, hünär almagy üçin köp alada edipdir. Halkynyň saglygyna uly üns beripdir.*

**Uktam ISMAILOW,**
**Daşoguz welaýatynyň S.A.Nyýazow adyndaky etrabynyň 25-nji orta mekdebiniň mugallymy.**

XXI ASYR BILIM, ÝLYM ASYRYDYR
MUGALLYMLAR GAZETI
ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI
Baş redaktor
Ogulkeýik PAŞŞYÝEWA
BIZIŇ SALGYMYZ:
Aşgabat şäheri,
Garaşsyzlyk şaýoly,
Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.



TELEFONLARYMYZ:
kabulhana — 38-61-53; baş redaktoryň orunbasary — 39-96-41; jogapkär kätip — 39-96-40.
BÖLÜMLER:
syýasat — 39-96-47; milli miras we edebiýat — 39-96-45; orta bilim we terbiýeçilik işi — 39-96-46; ylym, ýokary we ýörite orta okuw mekdepleri — 39-96-48; habarçy hatlar — 39-96-42; kompýuter merkezi — 39-96-43; faks — 38-61-45.
Gazet hepdäniň duşenbe, çarşenbe, anna günleri çykýar.
SANY - 116271.
4 833001 500073
Bahasy 40 teňňe.
Indeksi — 69452. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşykly redaksion birleşigiň kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Türkmenistanyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A2, möçberi 8 ç.l. A-100847

Redaksiýa gelen golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. Gazetiň çap edilişiniň hiline Türkmenistanyň Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.

# 2019-njy ýylda Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegiň TERTIBI

## MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin hünärmenleri taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary (hünärleri) boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

1. **Matematika we mehanika** (hünärler: matematika; amaly matematika we informatika).
2. **Fizika we astronomiýa** (hünärler: fizika; radiofizika we elektronika).
3. **Informatika we hasaplaýyş tehnikasy** (hünär: maglumat ulgamlary we tehnologiýalary).
4. **Biologiýa ylymlary** (hünär: biologiýa).
5. **Himiýa** (hünär: himiýa).
6. **Ýeri öwreniş ylymlary** (hünärler: geografiýa; kartografiýa; meteorologiýa; ekologiýa).
7. **Psihologiýa ylymlary** (hünär: psihologiýa).
8. **Taryh we arheologiýa** (hünärler: taryh; arheologiýa).
9. **Filosofiýa we etika** (hünär: filosofiýa).
10. **Ylahyýet** (hünär: ylahyýet).
11. **Syýasat ylymlary we sebit öwreniş** (hünärler: syýasaty öwreniş; gündogary öwreniş).
12. **Dil bilimi we edebiýaty öwrenmek** (hünärler: türkmen dili we edebiýaty; iňlis dili we edebiýaty; nemes dili we edebiýaty; fransuz dili we edebiýaty; italýan dili we edebiýaty; arap dili we edebiýaty; türk dili we edebiýaty; pars dili we edebiýaty; hytaý dili we edebiýaty).
13. **Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we maglumat-kitaphana işi** (hünär: žurnalistika).
14. **Hukuk işi** (hünär: hukuk öwreniş).

Tölegli esasda hünärmenleri taýýarlamagyň ugurlary we hünärleri:

1. **Matematika we mehanika** (hünärler: matematika; amaly matematika we informatika).
2. **Fizika we astronomiýa** (hünärler: fizika; radiofizika; elektronika).
3. **Informatika we hasaplaýyş tehnikasy** (hünär: maglumat ulgamlary we tehnologiýalary).
4. **Biologiýa ylymlary** (hünär: biologiýa).
5. **Himiýa** (hünär: himiýa).
6. **Ýeri öwreniş ylymlary** (hünär: geografiýa).
7. **Psihologiýa ylymlary** (hünär: psihologiýa).
8. **Taryh we arheologiýa** (hünär: taryh).
9. **Dil bilimi we edebiýaty öwrenmek** (hünärler: türkmen dili we edebiýaty; iňlis dili we edebiýaty).
10. **Hukuk işi** (hünär: hukuk öwreniş).

Uniwersitete Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;
— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);
— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy);
— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;
— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;
— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;
— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;
— giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlyklardan peýdalanýan okuwa girýän ýylynda mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— şahsy pasportyny;
— Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Balkan welaýaty — iýul aýynyň 24-25-i, 28-i we 30-y günleri
Mary welaýaty — iýul aýynyň 26-27-si, 29-y we 30-y günleri
Lebap welaýaty — iýul aýynyň 31-i — awgust aýynyň 1-i, 4-i we 6-sy günleri
Aşgabat şäheri — awgust aýynyň 2-3-i, 5-i we 6-sy günleri
Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 7-8-i, 11-i we 13-i günleri
Ahal welaýaty — awgust aýynyň 9-10-y, 12-si we 13-i günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky dersler boýunça geçirilýär:

**matematika; amaly matematika we informatika; maglumat ulgamlary we tehnologiýalary** hünärleri — matematika, fizika, Türkmenistanyň taryhy;

**fizika; radiofizika we elektronika** hünärleri — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**biologiýa** hünäri — biologiýa, himiýa, Türkmenistanyň taryhy;

**himiýa** hünäri — himiýa, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy;

**geografiýa; ekologiýa** hünärleri — geografiýa, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy;

**kartografiýa; meteorologiýa** hünärleri — geografiýa, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**psihologiýa** hünäri — biologiýa, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

**taryh; arheologiýa; gündogary öwreniş; syýasaty öwreniş; filosofiýa; ylahyýet** hünärleri — Türkmenistanyň taryhy, türkmen dili we edebiýaty, jemgyýeti öwreniş;

**türkmen dili we edebiýaty; žurnalistika** hünärleri — türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy, jemgyýeti öwreniş;

**iňlis dili we edebiýaty; fransuz dili we edebiýaty; nemes dili we edebiýaty; pars dili we edebiýaty; türk dili we edebiýaty; arap dili we edebiýaty; hytaý dili we edebiýaty** hünärleri — saýlap alan hünär dili boýunça ýa-da iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

**italýan dili we edebiýaty** hünäri — iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

**hukuk öwreniş** hünäri — Türkmenistanyň taryhy, türkmen dili we edebiýaty, jemgyýeti öwreniş.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Degişli dil öwredýän derslerden başga, ähli dersler boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaglara esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synaglardan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça deň mukdarda baha alanlardan **talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** aşakda görkezilenler peýdalanýarlar:

— mugallymçylyk mekdebini tamamlan we mugallymçylyk ugrundan 2 ýyldan az bolmadyk iş tejribesi bolanlar (mugallymçylyk hünärlerine);
— çagyryş boýunça harby gullugy geçenler;
— hukuk öwreniş hünärine girýänler üçin hukuk goraýjy edaralarda 2 ýyldan az bolmadyk iş tejribesi hem-de şol edaralaryň döwlet we welaýat derejesindäkilerinden hödürnamasy bolanlar.

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 31, tel.: 94-69-90, 94-54-29.**

## S.A.NYÝAZOW ADYNDAKY TÜRKMEN OBA HOJALYK UNIWERSITETI

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin hünärmenleri taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary (hünärleri) boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

1. **Oba, tokaý we balyk hojalygy** (hünärler: agronomçylyk; ýüpekçilik; agrohimiýa we topragy öwreniş; bagbançylyk, miweçilik we gök ekerançylyk; ösümlikleri goramak; tokaý we seýil bag hojalygy; oba hojalyk ekinleriniň seçgisi we tohumçylygy; gidromeliorasiýa; ýer gurluşygy we kadastry; oba hojalygyny mehanizmleşdirmek; melioratiw işleri mehanizmleşdirmek; oba hojalygy (inžener-mugallymlary taýýarlamak); miwe-gök önümlerini gaýtadan işlemek; et-süýt önümlerini gaýtadan işlemek; dänäni gaýtadan işlemek; pagtanyň ilkinji işlenilişi; ösümlik ýagyny öndürmek).
2. **Weterinariýa we zootehniýa** (hünärler: weterinar lukmançylygy; maldarçylyk; atçylyk).
3. **Dokma we ýeňil senagatyň tehnologiýalary** (hünärler: mata önümçiligi; tikinçilik önümçiliginiň tehnologiýasy; tebigy süýümleri egirmek).
4. **Informatika we hasaplaýyş tehnikasy** (hünär: oba hojalygynda maglumat ulgamlary).

Tölegli esasda hünärmenleri taýýarlamagyň ugurlary we hünärleri:

1. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (hünärler: oba hojalygynyň ykdysadyýeti; oba hojalygynda buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit).

Uniwersitete Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;
— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);
— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy);
— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;
— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;
— 3x4 sm ölçegdäki on iki sany fotosurat;
— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;
— giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlyklardan peýdalanýan okuwa girýän ýylynda mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— şahsy pasportyny;
— Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Ahal welaýaty — iýul aýynyň 24-25-i, 28-i we 30-y günleri
Aşgabat şäheri — iýul aýynyň 26-27-si, 29-y we 31-i günleri
Mary welaýaty — awgust aýynyň 1-2-si, 3-i we 4-i günleri
Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 3-i, 4-i we 6-sy günleri
Lebap welaýaty — awgust aýynyň 5-6-sy, 8-i we 9-y günleri
Balkan welaýaty — awgust aýynyň 7-si, 9-y we 10-y günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky dersler boýunça geçirilýär:

**oba, tokaý we balyk hojalygy** ugry (hünärler: agronomçylyk; ýüpekçilik; agrohimiýa we topragy öwreniş; bagbançylyk, miweçilik we gök ekerançylyk; ösümlikleri goramak; tokaý we seýil bag hojalygy; oba hojalyk ekinleriniň seçgisi we tohumçylygy) — himiýa, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy;

**oba, tokaý we balyk hojalygy** ugry (hünärler: gidromeliorasiýa; ýer gurluşygy we kadastry; oba hojalygyny mehanizmleşdirmek; melioratiw işleri mehanizmleşdirmek; oba hojalygy (inžener-mugallymlary taýýarlamak) — matematika, fizika, Türkmenistanyň taryhy;

**oba, tokaý we balyk hojalygy** ugry (hünärler: miwe-gök önümlerini gaýtadan işlemek; et-süýt önümlerini gaýtadan işlemek; dänäni gaýtadan işlemek; pagtanyň ilkinji işlenilişi; ösümlik ýagyny öndürmek) — fizika, himiýa, Türkmenistanyň taryhy;

**weterinariýa we zootehniýa** ugry — himiýa, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy;

**dokma we ýeňil senagatyň tehnologiýalary** ugry — fizika, himiýa, Türkmenistanyň taryhy;

**informatika we hasaplaýyş tehnikasy** ugry — matematika, fizika, Türkmenistanyň taryhy;

**ykdysadyýet we dolandyryş** ugry — matematika, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Dersler boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça deň mukdarda baha alanlardan **talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** aşakda görkezilenler peýdalanýarlar:

— soňky 2-3 ýylyň dowamynda ýokary netijeler gazanan we etrap häkimligi tarapyndan degişli hünärlere hödürlenen kärendeçiler we mülkdarlar;
— çagyryş boýunça harby gullugy geçenler.

**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., 2009-njy (Görogly) köçe, 143, tel.: 34-27-46, 34-07-77, 34-25-64**

## MYRAT GARRYÝEW ADYNDAKY TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET LUKMANÇYLYK UNIWERSITETI

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin hünärmenleri taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary (hünärleri) boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

1. **Kliniki lukmançylyk** (hünärler: bejeriş işi; pediatriýa; stomatologiýa).
2. **Saglyk baradaky ylymlar we öňüni alyş lukmançylygy** (hünärler: saglygy goraýyş-öňüni alyş işi; sport lukmançylygy).
3. **Harby lukmançylyk** (hünärler: bejeriş-öňüni alyş işi; arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek işi).

Tölegli esasda okadyljak hünärmenleri taýýarlamagyň ugurlary we hünärleri:

1. **Farmasiýa** (hünär: farmasiýa).
2. **Saglyk baradaky ylymlar we öňüni alyş lukmançylygy** (hünärler: saglygy dikeldiş we adaty däl lukmançylygy; lukmançylyk-durmuş goragy işi).

Uniwersitete Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary, harby lukmançylyk ugruna — çagyryş boýunça harby gullugy geçen 24 ýaşy dolýança erkek raýatlary ýa-da Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň ýöriteleşdirilen harby mekdeplerini tamamlan 25 ýaşy dolýança erkek raýatlary, şeýle hem borçnama boýunça harby gullugy geçýän, ofiser harby ady bolmadyk 24 ýaşy dolýança erkek harby gullukçylary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;
— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);
— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy);
— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;
— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;
— 3x4 sm ölçegdäki on iki sany fotosurat;
— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi we onuň asyl nusgasy;
— giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlyklardan peýdalanýan okuwa girýän ýylynda mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Harby lukmançylyk ugruna okuwa girmäge isleg bildiren dalaşgär ýokarda görkezilen resmi iş kagyzlaryndan başga-da:

— ene-atasynyň oglunyň harby gullukçy bolmagyna we ýokary okuw mekdebini tamamlanyndan soň Türkmenistanyň islendik künjeginde harby gullugy geçmekligine razylygy baradaky dil hatyny,
— Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Habar beriş merkezinden berlen güwänamany,
— Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Merkezi harby saglyk öýünden berlen ýokary harby okuw mekdeplerine girýänleriň lukmançylyk güwä geçmesiniň kartasyny tabşyrýar.

Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Merkezi harby saglyk öýünde gutarnykly güwä geçmesinden geçmek üçin hemişelik ýaşaýan ýerindäki psihonewrologiýa, narkologiýa, inçekesele garşy we deri-wenerologiýa hassahanalaryndan, şeýle hem maşgala lukmanyndan sagaldyş gözegçiliginde durmaýandygy baradaky kepilnamalar zerur.

Harby lukmançylyk ugruna okuwa kabul etmekligiň şertleri baradaky goşmaça maglumaty Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kabul ediş toparyndan alyp bolar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— şahsy pasportyny;
— Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Kabul ediş topary zerur bolan ýagdaýynda dalaşgär barada goşmaça maglumatlary talap edip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Lebap welaýaty — iýul aýynyň 24-25-i, 27-si we 29-y günleri
Aşgabat şäheri — iýul aýynyň 26-27-si, 28-i we 29-y günleri
Mary welaýaty — iýul aýynyň 30-31-i, awgust aýynyň 2-si, 4-i günleri
Balkan welaýaty — awgust aýynyň 1-2-si, 3-i we 4-i günleri
Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 5-6-sy, 8-i we 10-y günleri
Ahal welaýaty — awgust aýynyň 7-8-i, 9-y we 10-y günleri.

**Giriş synaglary** hünärmenleri taýýarlamagyň ähli hünärleri boýunça biologiýa, himiýa, Türkmenistanyň taryhy derslerinden geçirilýär.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Dersler boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Harby lukmançylyk ugruna okuwa girmäge isleg bildiren dalaşgärler beden taýýarlygy boýunça normatiwleri (möçbernamalary) (100 m ylgamak, göwräňi çekmek, 3 km ylgaw) ýerine ýetirýärler.

Ýaşlaryň saýlap alan hünärine durnuklydygyny kesgitlemek maksady bilen, olar patologoanatomiki edarasynyň işi bilen tanyşdyrylar.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça deň mukdarda baha alanlardan talyplyga **kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** aşakda görkezilenler peýdalanýarlar:

— lukmançylyk mekdeplerini tamamlan we saglygy goraýyş edaralarynda 2 ýyldan az bolmadyk iş tejribesi bar bolanlar;
— çagyryş boýunça harby gullugy geçenler.

**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., A.Gowşudow köçesi, 58, tel.: 92-71-09.**

## HALKARA NEBIT WE GAZ UNIWERSITETI

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin hünärmenleri we bakalawrlary taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary (hünärleri) boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

1. **Amaly geologiýa, dag işleri, nebitgaz işi we geodeziýa** (hünärler: nebit-gaz känlerini özleşdirmek we ulanmak; nebit we gaz guýularyny burawlamak; nebitgazgeçirijilerini we nebitgazyň saklanýan ýerlerini taslamak, gurmak we ulanmak; nebitiň we gazyň geologiýasy; ýerüsti dag işleri; gidrogeologiýa we inžener geologiýasy; geologik kartalaşdyrma we magdan ýataklarynyň gözlegi; peýdaly magdanlary gözlemegiň we barlamagyň geofiziki usullary; markşeýderlik işi; gazylyp alynýan peýdaly magdanlary baýlaşdyrmak; gazylyp alynýan peýdaly magdan känlerini özleşdirmek).
2. **Himiýa tehnologiýalary** (hünär: nebiti we gazy gaýtadan işlemegiň himiki tehnologiýasy).
3. **Tehnosfera howpsuzlygy we tebigy abadanlaşdyryş** (hünär: daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary tygşytly peýdalanmak).
4. **Tehniki ulgamlarda dolandyryş** (hünär: standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak).
5. **Informatika we hasaplaýyş tehnikasy** (hünärler: maglumatlary işläp taýýarlamagyň we dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan ulgamlary; maglumat tehnologiýalarynyň programma üpjünçiligi).
6. **Maşyngurluşyk** (hünärler: sowadyjy, kompressor maşynlary we desgalary; nebit, gaz känleriniň maşynlary we enjamlary).
7. **Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary** (hünär: nebitgaz desgalary we senagat gurluşygy).
8. **Elektro we ýylylyk energetikasy** (hünärler: elektrik üpjünçiligi; senagat desgalarynyň we tehnologik toplumlaryň elektrohereketlendirilişi hem-de awtomatikasy; gazturbina desgalary we gazkompressor stansiýalary).
9. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (hünär: ykdysadyýet we dolandyryş (nebitgaz pudagynda)).

Iňlis dilinde okadyljak bakalawrlaryň taýýarlanylýan ugurlary (bakalawr üçin okuwyň möhleti 5 ýyl; 1 ýyl — dil taýýarlygy, 4 ýyl — hünär taýýarlygy):

1. **Amaly geologiýa, dag işleri, nebitgaz işi we geodeziýa** (taýýarlygyň ugurlary: nebitgaz işi; gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň geologiýasy we gözlegi).
2. **Himiýa tehnologiýalary** (taýýarlygyň ugry: himiýa tehnologiýasy).
3. **Informatika we hasaplaýyş tehnikasy** (taýýarlygyň ugry: programma inženerligi).
4. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (taýýarlygyň ugry: logistika (nebitgaz pudagynda)).

Iňlis dilinde erkin gepleýän dalaşgärler giriş synaglaryny üstünlikli tabşyranlaryndan soňra taýýarlygyň **nebitgaz işi; gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň geologiýasy we gözlegi; himiýa tehnologiýasy; programma inženerligi we logistika (nebitgaz pudagynda)** ugurlary boýunça dil öwreniş bölüminde okuw taýýarlygyny geçmezden bakalawrlygyň 1-nji okuw ýylyna başlamak üçin iňlis dilinden barlag testini tabşyrýarlar.

Uniwersitete Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

Uniwersitetde okuwlar tölegli esasda alnyp barlar.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;
— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);
— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy);
— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;
— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;
— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;
— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;
— giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlyklardan peýdalanýan okuwa girýän ýylynda mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— şahsy pasportyny;
— Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Aşgabat şäheri — iýul aýynyň 24-i, 26-sy we 28-i günleri
Ahal welaýaty — iýul aýynyň 25-i, 27-si we 29-y günleri
Balkan welaýaty — iýul aýynyň 30-y, awgust aýynyň 1-i we 3-i günleri
Lebap welaýaty — iýul aýynyň 31-i, awgust aýynyň 2-si we 4-i günleri
Mary welaýaty — awgust aýynyň 5-i, 7-si we 9-y günleri
Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 6-sy, 8-i we 10-y günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky dersler boýunça geçirilýär:

**amaly geologiýa, dag işleri, nebitgaz işi we geodeziýa** ugry — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**himiýa tehnologiýalary** ugry — himiýa, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**tehnosfera howpsuzlygy we tebigy abadanlaşdyryş** ugry — himiýa, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**tehniki ulgamlarda dolandyryş** ugry — himiýa, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**informatika we hasaplaýyş tehnikasy** ugry — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**maşyngurluşyk** ugry — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary** ugry — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**elektro we ýylylyk energetikasy** ugry — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**ykdysadyýet we dolandyryş** ugry — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

iňlis dilinde okadyljak bakalawrlaryň taýýarlanylýan **nebitgaz işi; gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň geologiýasy we gözlegi; programma inženerligi we logistika (nebitgaz pudagynda)** taýýarlygynyň ugurlary — iňlis dili, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**himiýa tehnologiýasy** taýýarlygynyň ugry — iňlis dili, himiýa, Türkmenistanyň taryhy.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Dersler boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça deň mukdarda baha alanlardan talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan aşakda görkezilenler peýdalanýarlar:

— saýlan hünäri boýunça 2 ýyldan az bolmadyk önümçilik tejribesi bolanlar;
— çagyryş boýunça harby gullugy geçenler.

**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 8, tel.: 39-13-74, 39-13-70.**

## HALKARA YNSANPERWER YLYMLARY WE ÖSÜŞ UNIWERSITETI

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin bakalawrlary taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

1. **Hukuk işi** (taýýarlygyň ugurlary: halkara jemagat hukugy; halkara hususy hukugy).
2. **Syýasat ylymlary we sebit öwreniş** (taýýarlygyň ugry: halkara gatnaşyklary we dünýä syýasaty).
3. **Sosiologiýa we sosial iş** (taýýarlygyň ugry: sosiologiýa).
4. **Filosofiýa we etika** (taýýarlygyň ugry: filosofiýa).
5. **Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we maglumat-kitaphana işi** (taýýarlygyň ugry: žurnalistika).
6. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (taýýarlygyň ugurlary: halkara ykdysadyýeti; halkara menejment; halkara maliýe; ätiýaçlandyryş işi; halkara täjirçiligi).
7. **Informatika we hasaplaýyş tehnikasy** (taýýarlygyň ugurlary: kompýuter tehnologiýasy; kompýuter ulgamynyň programma üpjünçiligi; maglumat we kommunikasiýa tehnologiýasy).

Uniwersitetde okuwlar tölegli esasda bakalawrlary taýýarlamagyň maksatnamasy boýunça bir ýyl dil öwreniş bölüminde taýýarlygyny geçeninden soňra, iňlis dilinde alnyp barlar. Iňlis dilinde erkin gepleýän dalaşgärleriň dil öwreniş bölüminde okuw taýýarlygyny geçmezden, bakalawrlygyň 1-nji okuw ýylyna başlamaga mümkinçiligi bardyr.

Uniwersitete Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlyklardan peýdalanýan okuwa girýän ýylynda mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— şahsy pasportyny;

— Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Daşoguz welaýaty — iýul aýynyň 24-25-i, 27-si we 29-y günleri

Aşgabat şäheri — iýul aýynyň 26-27-si, 28-i we 30-y günleri

Ahal welaýaty — iýul aýynyň 28-i, 31-i we awgust aýynyň 2-si günleri

Mary welaýaty — iýul aýynyň 31-i - awgust aýynyň 1-i, 3-i we 4-i günleri

Balkan welaýaty — awgust aýynyň 3-i, 5-i we 7-si günleri

Lebap welaýaty — awgust aýynyň 5-6-sy, 8-i we 9-y günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky dersler boýunça geçirilýär:

**filosofiýa; sosiologiýa; halkara jemagat hukugy; halkara hususy hukugy; halkara gatnaşyklary we dünýä syýasaty** taýýarlygyň ugurlary — iňlis dili, Türkmenistanyň taryhy, jemgyýeti öwreniş;

**žurnalistika** taýýarlygyň ugry — iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

**halkara ykdysadyýeti; halkara menejment; halkara maliýe; ätiýaçlandyryş işi; halkara täjirçiligi; kompýuter tehnologiýasy; kompýuter ulgamynyň programma üpjünçiligi; maglumat we kommunikasiýa tehnologiýasy** taýýarlygyň ugurlary — iňlis dili, matematika, Türkmenistanyň taryhy.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Degişli dil öwredýän derslerden başga, ähli dersler boýunça giriş synaglary döwlet ýa-da iňlis dilinde dilden geçirilýär. Iňlis dilinde erkin gepleýän dalaşgärler giriş synaglaryny üstünlikli tabşyranlaryndan soňra dil öwreniş bölüminde okuw taýýarlygyny geçmezden bakalawrlygyň 1-nji okuw ýylyna başlamak üçin iňlis dilinden barlag testini tabşyrýarlar.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça deň mukdarda baha alanlardan **talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** aşakda görkezilenler peýdalanýarlar:

— saýlan hünäri boýunça 2 ýyldan az bolmadyk önümçilik tejribesi bolanlar;

— çagyryş boýunça harby gullugy geçenler.

**Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň salgysy: Aşgabat ş., 1958-nji (Andalyp) köçe, 169, tel.: 39-85-62, 39-85-25.**

## SEÝITNAZAR SEÝDI ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET MUGALLYMÇYLYK INSTITUTY

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin hünärmenleri taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary (hünärleri) boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

1. **Matematika we mehanika** (hünär: matematika).
2. **Fizika we astronomiýa** (hünär: fizika).
3. **Himiýa** (hünär: himiýa).
4. **Biologiýa ylymlary** (hünär: biologiýa).
5. **Ýeri öwreniş ylymlary** (hünär: geografiýa).
6. **Taryh we arheologiýa** (hünär: taryh).
7. **Bilim we pedagogika ylymlary** (hünärler: başlangyç bilimiň mugallymçylygy we psihologiýasy; mekdebe çenli bilim we terbiýe).
8. **Dil bilimi we edebiýaty öwrenmek** (hünärler: türkmen dili we edebiýaty; rus dili we edebiýaty; iňlis dili we edebiýaty; hytaý dili we edebiýaty).

Tölegli esasda hünärmenleri taýýarlamagyň ugurlary we hünärleri:

1. **Matematika we mehanika** (hünär: matematika).
2. **Fizika we astronomiýa** (hünär: fizika).
3. **Himiýa** (hünär: himiýa).
4. **Biologiýa ylymlary** (hünär: biologiýa).
5. **Ýeri öwreniş ylymlary** (hünär: geografiýa).
6. **Taryh we arheologiýa** (hünär: taryh).
7. **Bilim we pedagogika ylymlary** (hünärler: başlangyç bilimiň mugallymçylygy we psihologiýasy; mekdebe çenli bilim we terbiýe).
8. **Dil bilimi we edebiýaty öwrenmek** (hünärler: türkmen dili we edebiýaty; rus dili we edebiýaty; iňlis dili we edebiýaty; hytaý dili we edebiýaty).

Instituta Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** Lebap, Mary, Daşoguz welaýatlarynyň merkezlerinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlyklardan peýdalanýan okuwa girýän ýylynda mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— şahsy pasportyny;

— Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** institutda (Türkmenabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Mary welaýaty — iýul aýynyň 24-25-i, 28-i, 30-y günleri

Daşoguz welaýaty — iýul aýynyň 26-27-si, 29-y, 31-i günleri

Lebap welaýaty — awgust aýynyň 1-2-3-i, 4-5-i we 6-7-si günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky dersler boýunça geçirilýär:

**fizika** hünäri — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**matematika** hünäri — matematika, fizika, Türkmenistanyň taryhy;

**himiýa** hünäri — himiýa, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy;

**biologiýa** hünäri — biologiýa, himiýa, Türkmenistanyň taryhy;

**geografiýa** hünäri — geografiýa, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

**taryh** hünäri — Türkmenistanyň taryhy, türkmen dili we edebiýaty, jemgyýeti öwreniş;

**başlangyç bilimiň mugallymçylygy we psihologiýa** hünäri — türkmen dili we edebiýaty, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**mekdebe çenli bilim we terbiýe** hünäri — türkmen dili we edebiýaty, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**türkmen dili we edebiýaty** hünäri — türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy, jemgyýeti öwreniş;

**rus dili we edebiýaty** hünäri — rus dili we edebiýaty, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

**iňlis dili we edebiýaty** hünäri — iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

**hytaý dili we edebiýaty** hünäri — hünär dili boýunça ýa-da iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Degişli diller boýunça geçirilýän dil derslerinden başga ähli dersler boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça deň mukdarda baha alanlardan **talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** aşakda görkezilenler peýdalanýarlar:

— mugallymçylyk mekdebini tamamlan we mugallymçylyk ugrundan 2 ýyldan az bolmadyk iş tejribesi bolanlar;

— çagyryş boýunça harby gullugy geçenler.

**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň salgysy: Türkmenabat ş., Şabende köçesi, 7, tel.: 3-25-50, 3-04-18.**

## TÜRKMEN DÖWLET YKDYSADYÝET WE DOLANDYRYŞ INSTITUTY

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin hünärmenleri we bakalawrlary taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary (hünärleri) boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

1. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (hünärler: statistika; döwlet we ýerli dolandyryş; makroykdysadyýet; ykdysadyýetde we dolandyryşda maglumat ulgamlary; ykdysady kibernetika; elektron işewürliginiň ykdysadyýeti; elektron täjirçiligi; ilatyň durmuş üpjünçiligini guramak).
2. **Informatika we hasaplaýyş tehnikasy** (hünär: awtomatlaşdyrylan ulgamlaryň we kompýuter tehnikasynyň programma üpjünçiligi).

Tölegli esasda hünärmenleri taýýarlamagyň ugurlary we hünärleri:

1. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (hünärler: ykdysadyýet we hukuk; maliýe hukugy; buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit; ykdysady howpsuzlyk; maliýe menejmenti; gymmatly kagyzlaryň bazary; baha kesmek işi; pul dolanyşygy we karz; dünýä maliýe bazary; dünýä ykdysadyýeti; menejment; kärhananyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy; marketing; hili dolandyrmak; harytşynaslyk we harytlaryň ekspertizasy; jemgyýetçilik iýmitini guramak; zähmetiň ykdysadyýeti we bazary).

Tölegli esasda bakalawrlary taýýarlamagyň ugurlary:

1. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (taýýarlygyň ugurlary: ykdysadyýet; sanly ykdysadyýet; menejment; işewürlik we telekeçilik; täjirçilik).

Instituta Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlyklardan peýdalanýan okuwa girýän ýylynda mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— şahsy pasportyny;

— Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** institutda (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Lebap welaýaty — iýul aýynyň 24-i, 26-sy we 27-si günleri

Balkan welaýaty — iýul aýynyň 25-i, 26-sy we 28-i günleri

Mary welaýaty — iýul aýynyň 29-y, 31-i we awgust aýynyň 1-i günleri

Ahal welaýaty — iýul aýynyň 30-y, 31-i we awgust aýynyň 2-si günleri

Aşgabat şäheri — awgust aýynyň 3-4-i, 6-sy we 8-i günleri

Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 5-i, 7-si we 9-y günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky dersler boýunça geçirilýär:

**ykdysadyýet we dolandyryş** ugry — matematika, Türkmenistanyň taryhy, geografiýa;

**awtomatlaşdyrylan ulgamlaryň we kompýuter tehnikasynyň programma üpjünçiligi** hünäri — matematika, fizika, Türkmenistanyň taryhy.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Dersler boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça deň mukdarda baha alanlardan **talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** aşakda görkezilenler peýdalanýarlar:

— ykdysady hünärler boýunça 2 ýyldan az bolmadyk iş tejribesi bolanlar;

— çagyryş boýunça harby gullugy geçenler.

**Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynyň salgysy: Aşgabat ş., 1972-nji (Atatürk) köçe, 73, tel.: 48-62-71, 48-62-76.**

## TÜRKMENISTANYŇ OGUZ HAN ADYNDAKY INŽENER-TEHNOLOGIÝALAR UNIWERSITETI

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin bakalawrlary taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

1. **Matematika we mehanika** (taýýarlygyň ugry: amaly matematika we informatika).
2. **Biologiýa ylymlary** (taýýarlygyň ugurlary: öýjük we molekulýar biologiýa; genetika we bioinžiniring).
3. **Himiýa tehnologiýalary** (taýýarlygyň ugurlary: himiki tehnologiýa; himiki inžiniring).
4. **Senagat ekologiýasy we biotehnologiýasy** (taýýarlygyň ugry: biotehnologiýa).
5. **Materiallaryň tehnologiýasy** (taýýarlygyň ugry: materiallary öwrenmek we täze materiallaryň tehnologiýasy).
6. **Nanotehnologiýalar we nanomateriallar** (taýýarlygyň ugry: nanomateriallar).
7. **Ýeri öwreniş ylymlary** (taýýarlygyň ugry: ekologiýa we tebigatdan peýdalanmak).
8. **Informatika we hasaplaýyş tehnikasy** (taýýarlygyň ugurlary: informatika we hasaplaýyş tehnikasy; maglumat ulgamlary we tehnologiýalary; sanly ykdysadyýet; sanly infrastruktura we kiberhowpsuzlyk; mobil we tor inžiniring; animasiýa we grafika dizaýny).
9. **Maşyngurluşyk** (taýýarlygyň ugurlary: awtomatlaşdyrmak we dolandyrmak; mehatronika we robot tehnikasy).
10. **Tehniki ulgamlarda dolandyryş** (taýýarlygyň ugurlary: innowatika; innowasion ykdysadyýet).
11. **Elektronika, radiotehnika we aragatnaşyk ulgamlary** (taýýarlygyň ugry: elektronika we nanoelektronika).
12. **Fotonika, abzalgurluşyk, optiki we biotehniki ulgamlar we tehnologiýalar** (taýýarlygyň ugry: biolukmançylyk elektronikasy).
13. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (taýýarlygyň ugry: işgärleri dolandyryş).
14. **Fizika-tehniki ylymlar we tehnologiýalar** (taýýarlygyň ugry: häzirkizaman tehnologiýalaryň fizikasy).

Uniwersitetde okuwlar tölegli esasda 1 ýyl dil öwreniş bölüminde iňlis we ýapon dillerini çuňlaşdyryp öwrenenlerinden soňra, bakalawrlary taýýarlamagyň maksatnamasy boýunça iňlis we ýapon dillerinde alnyp barylýar.

Uniwersitete Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlyklardan peýdalanýanlar okuwa girýän ýylynda mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşan, şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamalaryň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýär we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— şahsy pasportyny;

— Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Daşoguz welaýaty — iýul aýynyň 24-i, 25-i we 26-sy günleri

Aşgabat şäheri — iýul aýynyň 25-i, 26-sy we 27-si günleri

Ahal welaýaty — iýul aýynyň 26-sy, 27-si we 28-i günleri

Mary welaýaty — iýul aýynyň 27-si, 28-i we 29-y günleri

Balkan welaýaty — iýul aýynyň 28-i, 29-y we 30-y günleri

Lebap welaýaty — iýul aýynyň 29-y, 30-y we 31-i günleri.

**Giriş synaglary aşakdaky** dersler boýunça geçirilýär:

**himiki tehnologiýa; himiki inžiniring; materiallary öwrenmek we täze materiallaryň tehnologiýasy; nanomateriallar** taýýarlygynyň ugurlary — himiýa, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**öýjük we molekulýar biologiýa; genetika we bioinžiniring; biotehnologiýa; ekologiýa we tebigatdan peýdalanmak** taýýarlygynyň ugurlary — biologiýa, matematika, Türkmenistanyň taryhy.

**häzirkizaman tehnologiýalaryň fizikasy; informatika we hasaplaýyş tehnikasy; awtomatlaşdyrmak we dolandyrmak; mehatronika we robot tehnikasy; elektronika we nanoelektronika; sanly ykdysadyýet; sanly infrastruktura we kiberhowpsuzlyk** taýýarlygynyň ugurlary — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**amaly matematika we informatika; maglumat ulgamlary we tehnologiýalary; mobil we tor inžiniring; animasiýa we grafika dizaýny; innowatika; innowasion ykdysadyýet; işgärleri dolandyryş** taýýarlygynyň ugurlary — matematika, fizika, Türkmenistanyň taryhy;

**biolukmançylyk elektronikasy** taýýarlygynyň ugry — biologiýa, fizika, Türkmenistanyň taryhy.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Ähli dersler boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtynda synaga esassyz sebäplere görä gelmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça deň mukdarda baha alanlardan talyplyga **kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** aşakda görkezilenler peýdalanýarlar:

— saýlan hünäri boýunça 2 ýyldan az bolmadyk iş tejribesi bolanlar;

— çagyryş boýunça harby gullugy geçenler.

**Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň salgysy: Aşgabat ş., Köşi köçesi, 100, tel.: 39-16-67.**

## DÖWLETMÄMMET AZADY ADYNDAKY TÜRKMEN MILLI DÜNÝÄ DILLERI INSTITUTY

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin hünärmenleri taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary (hünärleri) boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

1. **Dil bilimi we edebiýaty öwrenmek** (hünärler: iňlis dili; nemes dili; fransuz dili; rus dili we edebiýaty; ispan dili).

Tölegli esasda okadyljak hünärmenleri taýýarlamagyň ugurlary we hünärleri:

1. **Dil bilimi we edebiýaty öwrenmek** (hünärler: iňlis dili; rus dili we edebiýaty; arap dili; pars dili; türk dili; hytaý dili; ýapon dili; koreý dili; hindi dili; türkmen dili we edebiýaty).

Instituta Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlyklardan peýdalanýan okuwa girýän ýylynda mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— şahsy pasportyny;

— Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** institutda (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Balkan welaýaty — iýul aýynyň 24-i, 26-sy we 28-i günleri

Ahal welaýaty — iýul aýynyň 25-i, 27-si we 29-y günleri

Aşgabat şäheri — iýul aýynyň 30-y, awgust aýynyň 1-i we 3-i günleri

Daşoguz welaýaty — iýul aýynyň 31-i, awgust aýynyň 2-si we 4-i günleri

Lebap welaýaty — awgust aýynyň 5-i, 7-si we 9-y günleri

Mary welaýaty — awgust aýynyň 6-sy, 8-i we 9-y günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky dersler boýunça geçirilýär:

**Dil bilimi we edebiýaty öwrenmek** ugry:

**iňlis dili; nemes dili; fransuz dili; rus dili we edebiýaty; arap dili; pars dili; türk dili; hytaý dili** hünärleri — saýlap alan hünär dili ýa-da iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

**ispan dili; ýapon dili; koreý dili; hindi dili** hünärleri — iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

**türkmen dili we edebiýaty** hünäri — türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy, jemgyýeti öwreniş.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda dilden geçirilýär.

Türkmenistanyň taryhy dersi boýunça synag döwlet dilinde geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça deň mukdarda baha alanlardan talyplyga **kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** aşakda görkezilenler peýdalanýarlar:

— saýlan hünäri boýunça 2 ýyldan az bolmadyk iş tejribesi bolanlar;

— çagyryş boýunça harby gullugy geçenler.

**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň salgysy: Aşgabat ş., Aba Annaýew köçesi, 47, tel.: 34-67-17.**

## TÜRKMEN DÖWLET BINAGÄRLIK-GURLUŞYK INSTITUTY

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin hünärmenleri taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary (hünärleri) boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

1. **Binagärlik** (hünärler: binagärlik; şähergurluşyk we ilatly ýerleri meýilleşdirmek; binagärlik gurşawynyň dizaýny);

2. **Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary** (hünärler: senagat we raýat jaý gurluşygy; ýylylyk, gaz üpjünçiligi we howa çalşygy; suw üpjünçiligi, ulanylan suwlary akdyryş we suw gorlaryny goramak; awtomobil ýollarynyň we uçuş meýdançalarynyň gurluşygy; gurluşyk materiallaryny, önümlerini we konstruksiýalaryny öndürmek; köprüler we ulag tonnelleri; şäher gurluşygy; amaly geodeziýa; gozgalmaýan emläkleriň ekspertizasy we dolandyrylyşy (gurluşyk pudagynda));

3. **Informatika we hasaplaýyş tehnikasy** (hünärler: maglumatlary işläp taýýarlamagyň we dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan ulgamlary; maglumat tehnologiýalarynyň programma üpjünçiligi; maglumat-ölçeýiş tehnikasy we tehnologiýasy);

4. **Elektronika, radiotehnika we aragatnaşyk ulgamlary** (hünärler: senagat elektronikasy; mikroelektronika we ýarym geçiriji abzallar);

5. **Elektro we ýylylyk energetikasy** (hünärler: elektrik üpjünçiligi; senagat desgalarynyň we tehnologik toplumlaryň elektrohereketlendirilişi hem-de awtomatikasy);

6. **Maşyngurluşyk** (hünärler: önümçiligiň we tehnologiýa prosesleriniň awtomatlaşdyrylyşy; göteriji-äkidiji, gurluşyk, ýol maşynlary we enjamlary; himiýa önümçiliginiň we gurluşyk materiallary kärhanalarynyň maşynlary we apparatlary);

7. **Himiýa tehnologiýalary** (hünärler: organiki däl maddalaryň himiki tehnologiýasy; eremesi kyn metal däl we silikat materiallarynyň himiki tehnologiýasy; aýnanyň we sitallaryň himiki tehnologiýasy);

8. **Materiallaryň tehnologiýalary** (hünär: metallary basyş bilen işläp taýýarlamak).

9. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (hünärler: ykdysadyýet we dolandyryş (gurluşyk pudagynda); kärhananyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy (durmuş, ýaşaýyş-jemagat we şäher hojalygy kärhanalarynda); logistika (gurluşyk pudagynda)).

Instituta Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

Institutda okuwlar tölegli esasda alnyp barlar.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlyklardan peýdalanýan okuwa girýän ýylynda mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşikleriniň ýeňijileri, umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— şahsy pasportyny;

— Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** institutda (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Aşgabat şäheri — iýul aýynyň 24-25-i, 27-si we 29-y günleri

Ahal welaýaty — iýul aýynyň 26-sy, 28-i we 30-y günleri

Mary welaýaty — iýul aýynyň 31-i, awgust aýynyň 2-si we 4-i günleri

Lebap welaýaty — awgust aýynyň 1-i, 3-i we 5-i günleri

Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 6-sy, 8-i we 9-y günleri

Balkan welaýaty — awgust aýynyň 7-si, 8-i we 9-y günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky dersler boýunça geçirilýär:

**binagärlik** ugry boýunça — surat we grafika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary** ugry boýunça — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**informatika we hasaplaýyş tehnikasy** ugry boýunça — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**elektronika, radiotehnika we aragatnaşyk ulgamlary** ugry boýunça — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**elektro we ýylylyk energetikasy** ugry boýunça — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**maşyngurluşyk** ugry boýunça — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**himiýa tehnologiýalary** ugry boýunça — himiýa, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**materiallaryň tehnologiýalary** ugry boýunça — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

**ykdysadyýet we dolandyryş** ugry boýunça — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Dersler boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça deň mukdarda baha alanlardan **talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** aşakda görkezilenler peýdalanýarlar:

— saýlan hünäri boýunça 2 ýyldan az bolmadyk önümçilik tejribesi bolanlar;

— çagyryş boýunça harby gullugy geçenler.

**Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň salgysy:**
**Aşgabat ş., Baba Annanow köçesi, 136, tel.: 28-18-86, 28-18-04.**

## TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin hünärmenleri taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary (hünärleri) boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

1. **Syýasat ylymlary we sebit öwreniş** (hünär: halkara gatnaşyklary we diplomatiýa).

2. **Hukuk işi** (hünär: halkara hukugy).

3. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (hünär: halkara ykdysady gatnaşyklary).

4. **Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we maglumat-kitaphana işi** (hünär: halkara žurnalistikasy).

Instituta Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlyklardan peýdalanýan okuwa girýän ýylynda mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— şahsy pasportyny;

— Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** institutda (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Lebap welaýaty — iýul aýynyň 24-i, 27-si we 30-y günleri

Daşoguz welaýaty — iýul aýynyň 24-i, 27-si we 30-y günleri

Mary welaýaty — iýul aýynyň 25-i, 28-i we 31-i günleri

Balkan welaýaty — iýul aýynyň 25-i, 28-i we 31-i günleri

Aşgabat şäheri — iýul aýynyň 26-sy, 29-y, awgust aýynyň 1-i günleri

Ahal welaýaty — iýul aýynyň 26-sy, 29-y, awgust aýynyň 1-i günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky dersler boýunça geçirilýär:

**halkara gatnaşyklary we diplomatiýa, halkara hukugy** hünärleri — Türkmenistanyň taryhy, iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty;

**halkara ykdysady gatnaşyklary** hünäri — matematika, iňlis dili, Türkmenistanyň taryhy;

**halkara žurnalistikasy** hünäri — türkmen dili we edebiýaty, iňlis dili, Türkmenistanyň taryhy.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Degişli dil öwredýän derslerden başga, ähli dersler boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça deň mukdarda baha alanlardan **talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** aşakda görkezilenler peýdalanýarlar:

— saýlan hünäri boýunça 2 ýyldan az bolmadyk iş tejribesi bolanlar;

— çagyryş boýunça harby gullugy geçenler.

**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň salgysy:**
**Aşgabat ş., Galkynyş köçesi, 25, tel.: 22-68-50.**

## TÜRKMENISTANYŇ TELEKOMMUNIKASIÝALAR WE INFORMATIKA INSTITUTY

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin hünärmenleri we bakalawrlary taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary (hünärleri) boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

Hünärmenleri taýýarlamagyň ugurlary (hünärleri):

1. **Informatika we hasaplaýyş tehnikasy** (hünärler: maglumat ulgamlary we tehnologiýalary; programma inženerligi; kompýuter ulgamynyň programma üpjünçiligi; hasaplaýyş torlarynyň programma üpjünçiligi).

2. **Maglumat howpsuzlygy** (hünärler: maglumat howpsuzlygy; telekommunikasiýa ulgamlarynyň maglumat howpsuzlygy).

3. **Elektronika, radiotehnika we aragatnaşyk ulgamlary** (hünärler: aragatnaşyk torlary we kommutasiýa ulgamlary; köpkanally telekommunikasiýa ulgamlary; radioaragatnaşyk, radioýaýlym we telewideniýe; hereketli obýektler bilen aragatnaşyk serişdeleri; radioelektron ulgamlary we toplumlary; infokommunikasiýa tehnologiýalary; senagat elektronikasy; elektron howpsuzlyk ulgamlary).

4. **Maşyngurluşyk** (hünär: önümçiligiň we tehnologiýa prosesleriniň awtomatlaşdyrylyşy).

5. **Ýerüsti ulagyň tehnikasy we tehnologiýalary** (hünär: demir ýol ulagynda awtomatika, telemehanika we aragatnaşyk).

6. **Tehniki ulgamlarda dolandyryş** (hünär: awtomatika we tehniki ulgamlarda dolandyryş).

7. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (hünärler: kärhananyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy; logistika; biznes-informatika).

Bakalawrlary taýýarlamagyň ugry:

1. **Informatika we hasaplaýyş tehnikasy** (taýýarlygyň ugry: amaly informatika).

Instituta Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

Institutda okuwlar tölegli esasda alnyp barlar.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlyklardan peýdalanýan okuwa girýän ýylynda mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, umumy bilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— şahsy pasportyny;

— Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** institutda (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Aşgabat şäheri — iýul aýynyň 24-25-i, 28-i we 30-y günleri

Ahal welaýaty — iýul aýynyň 26-27-si, 29-y we 31-i günleri

Mary welaýaty — awgust aýynyň 1-2-si, 4-i we 6-sy günleri

Lebap welaýaty — awgust aýynyň 3-i, 5-i we 7-si günleri

Balkan welaýaty — awgust aýynyň 8-9-y, 11-i we 13-i günleri

Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 10-y, 12-si we 14-i günleri.

**Giriş synaglary** ähli ugurlar boýunça matematika, fizika, Türkmenistanyň taryhy derslerinden geçirilýär.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Dersler boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça deň mukdarda baha alanlardan **talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** aşakda görkezilenler peýdalanýarlar:

— saýlan ugry boýunça 2 ýyldan az bolmadyk iş tejribesi bolanlar;

— çagyryş boýunça harby gullugy geçenler.

**Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň salgysy:**
**Aşgabat ş., Oguzhan köçesi, 13, tel.: 49-35-86, 49-44-21.**

## TÜRKMEN DÖWLET MALIÝE INSTITUTY

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin hünärmenleri taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary (hünärleri) boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

1. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (hünärler: maliýe; pul dolanyşygy we karz; salgytlar we salgyt salmak; bank işi we maliýe; ätiýaçlandyryş işi; birža işi; buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit; maliýe gözegçiligi; ykdysady informatika; maliýe menejmenti).

Instituta Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

Institutda okuwlar tölegli esasda alnyp barlar.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlyklardan peýdalanýan okuwa girýän ýylynda mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýar.

Bulardan başga-da okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— şahsy pasportyny;

— Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** institutda (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Lebap welaýaty — iýul aýynyň 24-25-i, 27-si we 28-i günleri

Balkan welaýaty — iýul aýynyň 26-sy, 27-si we 28-i günleri

Mary welaýaty — iýul aýynyň 29-30-y, awgust aýynyň 1-i we 2-si günleri

Daşoguz welaýaty — iýul aýynyň 31-i, awgust aýynyň 1-i we 2-si günleri

Aşgabat şäheri — awgust aýynyň 3-4-i, 7-si we 8-i günleri

Ahal welaýaty — awgust aýynyň 5-6-sy, 7-si we 9-y günleri.

**Giriş synaglary** ähli hünärler boýunça matematika, Türkmenistanyň taryhy, geografiýa derslerinden geçirilýär.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Dersler boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça deň mukdarda baha alanlardan **talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** aşakda görkezilenler peýdalanýarlar:

— maliýe hünärleri boýunça 2 ýyldan az bolmadyk iş tejribesi bolanlar;

— çagyryş boýunça harby gullugy geçenler.

**Türkmen döwlet maliýe institutynyň salgysy:**
**Aşgabat ş., (1987) Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow şaýoly, 112, tel.: 49-61-99, 49-64-47.**

## TÜRKMEN DÖWLET BEDENTERBIÝE WE SPORT INSTITUTY

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin hünärmenleri taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary (hünärleri) boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

1. **Bedenterbiýe we sport** (hünärler: sport; bedenterbiýe).

Tölegli esasda hünärmenleri taýýarlamagyň ugurlary we hünärleri:

1. **Bedenterbiýe we sport** (hünärler: sport; bedenterbiýe; sport žurnalistikasy; sagaldyş işi; sport tehnologiýalarynyň tehniki üpjünçiligi).

2. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (hünärler: sport desgalaryny dolandyrmak; sporty maliýeleşdirmek).

3. **Psihologiýa ylymlary** (hünär: psihologiýa (sport psihologiýasy)).

Instituta Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— türgeniň kämillik kitapçasy (sport, bedenterbiýe, sport žurnalistikasy, sagaldyş işi, psihologiýa (sport psihologiýasy) hünärleri boýunça I derejeden pes bolmadyk), sport mekdebinden hödürnama we häsiýetnama (sport ugruna okuwa girýänler üçin);

— giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlyklardan peýdalanýan okuwa girýän ýylynda mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşan, Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary, Türkmenistanyň çempionlary we halkara sport ýaryşlarynyň ýeňijileri şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— şahsy pasportyny;

— Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** institutda (Aşgabat şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Aşgabat şäheri — iýul aýynyň 24-25-i, 27-si we 29-y günleri

Ahal welaýaty — iýul aýynyň 26-sy, 28-i, 30-y günleri

Mary welaýaty — iýul aýynyň 31-i, awgust aýynyň 2-si we 4-i günleri

Lebap welaýaty — awgust aýynyň 1-i, 3-i we 5-i günleri

Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 6-sy, 8-i we 9-y günleri

Balkan welaýaty — awgust aýynyň 7-si, 8-i we 9-y günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky dersler boýunça geçirilýär:

**sport; bedenterbiýe; sagaldyş işi** hünärleri — sportuň saýlanan görnüşi (okuwa girýänler institutda alnyp barylýan sportuň 46 görnüşiniň birinden tassyklanylan möçbernamany ýerine ýetirmeli), biologiýa, Türkmenistanyň taryhy;

**sport žurnalistikasy** hünäri — Türkmenistanyň taryhy, türkmen dili we edebiýaty, jemgyýeti öwreniş;

**sport desgalaryny dolandyrmak; sporty maliýeleşdirmek; sport tehnologiýalarynyň tehniki üpjünçiligi** hünärleri — matematika, Türkmenistanyň taryhy, jemgyýeti öwreniş;

**psihologiýa (sport psihologiýasy)** hünäri — biologiýa, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Dersler boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça deň mukdarda baha alanlardan **talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** aşakda görkezilenler peýdalanýarlar:

— orta sport mekdeplerini tamamlan ýokary derejeli türgenler;

— saýlan hünäri boýunça 2 ýyldan az bolmadyk iş tejribesi bolanlar;

— 2015 — 2019-njy ýyllarda geçirilen halkara ýaryşlaryň ýeňijileri;

— 2015 — 2019-njy ýyllarda sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň agzalary;

— çagyryş boýunça harby gullugy geçenler.

**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň salgysy:**
**Aşgabat ş., Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 40, tel.: 22-65-37, 22-68-61.**

## TÜRKMEN OBA HOJALYK INSTITUTY

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin hünärmenleri taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary (hünärleri) boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

1. **Oba, tokaý we balyk hojalygy** (hünärler: agronomçylyk; oba hojalyk ekinleriniň seçgisi we tohumçylygy; agroekologiýa; gidromelioratiw ulgamlarynyň ulanylyşy; tehniki hyzmatyň guralyşy we tehnologiýasy; ýer gurluşygy we kadastry; ýyladyşhana hojalygy).

Tölegli esasda hünärmenleri taýýarlamagyň ugurlary we hünärleri:

1. **Oba, tokaý we balyk hojalygy** (hünärler: agrohimiýa we topragy öwreniş; gidromeliorasiýa; oba hojalygyny mehanizmleşdirmek).
2. **Weterinariýa we zootehniýa** (hünär: weterinar lukmançylygy).
3. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (hünärler: oba hojalygynda buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit; oba hojalygynyň ykdysadyýeti).
4. **Informatika we hasaplaýyş tehnikasy** (hünär: oba hojalygynda maglumat ulgamlary).

Instituta Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** Lebap, Mary, Daşoguz welaýatlarynyň merkezlerinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm möçberde sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda artykmaçlyklardan peýdalanýan okuwa girýän ýylynda mekdep okuwçylarynyň dersler boýunça döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, umumybilim dersleri boýunça halkara bäsleşiklerine gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— şahsy pasportyny;

— Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinde harby gullugy geçenler harby şahadatnamasyny, harby gullugy geçmedik ýigitler ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** institutda (Daşoguz şäheri) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Mary welaýaty — iýul aýynyň 24-25-i, 28-i we 30-y günleri

Lebap welaýaty — iýul aýynyň 26-27-i, 29-y, 31-i günleri

Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 1-2-3-i, 4-5-i we 6-sy günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky dersler boýunça geçirilýär:

**Oba, tokaý we balyk hojalygy** (agronomçylyk; agroekologiýa; agrohimiýa we topragy öwreniş; oba hojalyk ekinleriniň seçgisi we tohumçylygy; ýyladyşhana hojalygy), **weterinariýa we zootehniýa** ugurlary — himiýa, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy;

**Oba, tokaý we balyk hojalygy** (gidromeliorasiýa; gidromelioratiw ulgamlarynyň ulanylyşy; oba hojalygyny mehanizmleşdirmek; tehniki hyzmatyň guralyşy we tehnologiýasy; ýer gurluşygy we kadastry), **informatika we hasaplaýyş tehnikasy** ugurlary — matematika, fizika, Türkmenistanyň taryhy;

**Ykdysadyýet we dolandyryş** ugry — matematika, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy.

Dersler boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Dersler boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça deň mukdarda baha alanlardan **talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** aşakda görkezilenler peýdalanýarlar:

— çagyryş boýunça harby gullugy geçenler;

— soňky 2-3 ýylyň dowamynda ýokary netijeler gazanan we etrap häkimligi tarapyndan degişli hünärlere hödürlenen kärendeçiler we mülkdarlar.

**Türkmen oba hojalyk institutynyň salgysy:**
**Daşoguz ş.,**
**Ruhnama köçesi, 94,**
**tel.: 9-33-92, 9-40-68, 9-38-65.**

## TÜRKMEN DÖWLET MEDENIÝET INSTITUTY

*2019/2020-nji okuw ýyly üçin hünärmenleri taýýarlamagyň aşakdaky ugurlary (hünärleri) boýunça talyplyga kabul edýändigini yglan edýär:*

1. **Sahna sungaty we edebiýat döredijiligi** (hünärler: aktýorçylyk sungaty; ýşyk bilen bezemek; drama režissurasy; telewideniýe režissurasy; dramaturgiýa; medeni-köpçülik çärelerini guramak we goýmak; folklor toparyny guramak we dolandyrmak; milli tans toparyny guramak we dolandyrmak; höwesjeň aýdym-saz toparyny guramak we dolandyrmak).
2. **Kino sungaty** (hünärler: ses režissurasy; telekinooperatorçylyk; teleradiogepleşikleri guramak we alyp barmak).
3. **Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we maglumat-kitaphana işi** (hünärler: kitaphana işini guramak; ylmyň we tehnikanyň maglumat üpjünçiligi).
4. **Taryh we arheologiýa** (hünärler: arheologiýa; iş dolandyryş we arhiw işi).
5. **Medeniýeti öwreniş we durmuş-medeni taslamalar** (hünärler: medeniýeti öwreniş; muzeologiýa, medeni we tebigy miras ýadygärliklerini goramak; sirk sungaty).
6. **Sungatyň şekillendiriş we amaly görnüşleri** (hünär: taryhy-etnografiki gymmatlyklary rejelemek).

Tölegli esasda hünärmenleri taýýarlamagyň ugurlary we hünärleri:

1. **Sahna sungaty we edebiýat döredijiligi** (hünärler: ýşyk bilen bezemek; telewideniýe režissurasy; medeni-köpçülik çärelerini guramak we goýmak; höwesjeň aýdym-saz toparyny guramak we dolandyrmak).
2. **Kino sungaty** (hünärler: ses režissurasy; teleradiogepleşikleri guramak we alyp barmak; telekinooperatorçylyk).
3. **Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we maglumat-kitaphana işi** (hünärler: kitaphana işini guramak; ylmyň we tehnikanyň maglumat üpjünçiligi).
4. **Taryh we arheologiýa** (hünärler: arheologiýa; iş dolandyryş we arhiw işi).
5. **Medeniýeti öwreniş we durmuş-medeni taslamalar** (hünärler: medeniýeti öwreniş; muzeologiýa, medeni we tebigy miras ýadygärliklerini goramak).
6. **Sungatyň şekillendiriş we amaly görnüşleri** (hünär: taryhy-etnografiki gymmatlyklary rejelemek).
7. **Serwis we syýahatçylyk** (hünärler: myhmanhana işewürligi; syýahatçylyk işewürligi).
8. **Ykdysadyýet we dolandyryş** (hünär: ykdysadyýet we dolandyryş (medeniýet ulgamynda)).

Instituta Türkmenistanyň umumy orta ýa-da orta hünär bilimli, ýaşy 35-den geçmedik raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** Aşgabat şäherinde 2019-njy ýylyň 8 — 21-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— umumy orta (ýa-da orta hünär) bilim baradaky resminama (asyl nusgasy), Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň garamagyndaky ýörite we orta sazçylyk, çeperçilik we sungat okuw mekdeplerini tamamlap, iki ýyllyk iş tejribeligini geçýän ýaşlar üçin orta hünär bilim hakyndaky wagtlaýyn şahadatnamanyň nusgasy;

